TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HÄZIRKI DÖWÜRDE EZIZ DIÝARYMYZDA DÜNÝÄNIŇ ÖŇDEBARYJY ÖNDÜRIJILERINIŇ KÄMIL ENJAMLARY BILEN ÜPJÜN EDILEN BEJERIŞ-ANYKLAÝYŞ, YLMY-KLINIKI MERKEZLER, DÖWREBAP HASSAHANALAR HALKYMYZA HYZMAT EDÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
28-nji awgust, 2026. Belgisi 35/1705



# SAGLYGY GORAÝYŞ ULGAMYNA EMELI AŇ TEHNOLOGIÝALARY ORNAŞDYRYLÝAR

***26-njy awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyzda gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda dowam edýän Stomatologiýa merkezinde alnyp barylýan işler bilen tanyşdy. Bu merkez diňe bir sebitde däl, eýsem, dünýä derejesinde öňdebaryjy innowasion sanly lukmançylyk we emeli aň tehnologiýalaryny özünde jemläp, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň binýadyny has-da berkitmäge goşant goşar.***

Ir bilen hormatly Prezidentimiz paýtagtymyzda gurluşygy dowam edýän Stomatologiýa merkezine geldi. Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri M.Gaýypow döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklaryndan, Gahryman Arkadagymyzyň maslahatlaryndan ugur alyp, Stomatologiýa merkezinde alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Ol öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmegi netijesinde merkeziň gurluşy, onuň gurluşygynda ulanylan dürli serişdeler, şol sanda bezeg işleri, bu ýerde ornaşdyrylan häzirki zaman lukmançylyk enjamlary barada giňişleýin maglumat berdi.

Hasabatyň dowamynda dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan merkeziň bölümleri barada durlup geçildi. Bellenilişi ýaly, bu ýerde kabul ediş otaglary, şol sanda gaýragoýulmasyz kabul ediş bölümi bolup, operasiýa, gije-gündiz işleýän stomatologiýa bejeriş otaglary bilen üpjün edilendir. Şeýle-de şöhle bilen anyklaýyş, endoskopiýa, kliniki barlaghana, funksional anyklaýyş, birnäçe operasiýa otagly operasiýa we sterilizasiýa, anesteziologiýa, reanimasiýa, fizioterapiýa bölümleri, dermanhana otaglary bar. Döwrebap enjamlar toplumy emeli aňyň kömegi arkaly maglumatlara gaýtadan seljerme geçirip, äň-ýüz böleklerinde çylşyrymly operatiw bejergilerde, rekonstruktiw hirurgiki amallarda ýokary derejede ygtybarly netijeleri gazanmaga mümkinçilik berer.

Hormatly Prezidentimiz şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýunyň toýlanylýan ýylynda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününiň ýakynlaşyp gelýändigini aýdyp, Stomatologiýa merkezini olaryň hünär baýramçylygy mynasybetli açyp ulanmaga bermäge ýokary derejede taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz täze desgada oturdylan döwrebap enjamlaryň uzak möhletleýin netijeli hyzmat etmegini gazanmak üçin enjamlar ulanylanda, olardan ussatlyk bilen baş alyp çykýan hünärmenleriň bolmalydygyny tabşyrdy. «Hünärmenler her bir enjamyň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmalydyrlar» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz belledi. Şoňa görä, hormatly Prezidentimiz merkezi ýokary bilimli hünärmenler bilen üpjün etmek üçin Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti bilen utgaşykly işlemelidigine ünsi çekdi.

Döwlet Baştutanymyz her bir enjamyň emeli aňyň mümkinçiliklerini halka hödürlemelidigini aýdyp, sanly ulgam arkaly keseli dessin anyklamak mümkinçiliginden peýdalanmagy tabşyrdy. «Merkeziň bir wagtyň özünde birnäçe adamy kabul edip bilýändiginden ugur alyp, ýüz tutjak raýatlaryň tiz kabul edilmegini gazanmak zerurdyr. Şunda lukmanlaryň maslahat beriş ukyby hem ýokary derejede bolmalydyr» diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz merkeziň bölümlerine aýlanyp, anyklaýyş bölüminiň mümkinçilikleri, bu ýerde ornaşdyrylan lukmançylyk enjamlary bilen tanyşdy. Dünýäniň öňdebaryjy öndürijileri tarapyndan öndürilen häzirki zaman tehnologik enjamlary arkaly bu ýerde keselleri tiz we takyk anyklap bolýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz enjamlaryň her biriniň aýratynlyklaryndan netijeli peýdalanmagy tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz bejeriş bölümine bardy. Bu ýerde ähli işler multimedialaşdyrylan kompýuterler arkaly dolandyrylýar. Döredilen şertler operasiýa wagty monitorlar arkaly beýleki degişli bölümler bilen onlaýn usulda habarlaşyp iş alyp barmaga mümkinçilik berýär. Ýüz tutan raýatyň keseli baradaky maglumatlar dessin göni alşylýar. Başga bir monitor bolsa otagyň howasynyň kadaly derejede saklanmagyny awtomatik usulda sazlaýar. Şeýle hem monitorlar arkaly näsag baradaky ähli maglumatlar elýeterli bolýar. Sanly ulgamda işleýän stomatologik mikroskoplar we ulgamlar dişleriň tebigy durkunyň, kökleriniň bozulmalaryny häzirki zaman usullarynda bejermekde hem-de gaýraüzülmeleriň öňüni almakda giňden ulanylýar. Ulgamyň döwrebap stomatologik gurnamalar bilen arabaglanyşykda bolmagy bejerginiň netijeliliginiň ýokary bolmagyny üpjün eder.

Stomatologiýa merkezinde ornaşdyrylan, özünde innowasion sanly ulgamlary we emeli aň tehnologiýalaryny jemleýän lukmançylyk enjamlary çagalarda, uly ýaşly näsaglarda agyrylary howpsuz aýyrmak, dişleri sogurmak, petiklemek, agyz boşlugynyň, kentlewügiň keselleri ni irki döwürde anyklamak, öz wagtynda netijeli bejermek, emeli diş goýmak, implantlary ornaşdyrmak, diş hatarlaryny göneltmek, bedeniň äň-ýüz böleginde ýüze çykyp biljek dürli agyrylary irki döwürde takyk anyklamak we dikeldiş hirurgiki bejergileri amala aşyrmak, diş protezleriniň reňklerini näsagyň öz dişlerine mahsus bolan tebigy reňkine gabatlap, gysga wagtda taýýarlamak hem-de oturtmak boýunça lukmançylyk amallaryny gysga wagtyň dowamynda, ýokary hil derejesinde amala aşyrmaga ýardam berer.

Hormatly Prezidentimiz ýatymlaýyn otagda döredilen mümkinçilikler bilen hem tanyşdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz näsagyň bejergi almagy bilen baglylykda, operasiýadan öň we soň özüni örän oňaýly hem-de rahat duýmagynyň wajypdygy barada aýdyp, birnäçe tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz implantologiýa bölümine-de baryp gördi. Bölümdäki bejeriş otaglarynda ornaşdyrylan häzirki zaman sanly tehnologiýalary, 3D skanerli ulgamlardaky emeli aňyň esasy aýratynlyklary uly göwrümli maglumatlara gysga wagtda seljerme geçirip, näsagyň äňinde goýuljak implantlaryň ýerleşişi, burçlary, biri-birine bolan aralygy ýokary derejede takyk ölçemäge mümkinçilik berip, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrýar. 3D skaner enjamlary sanly ulgamda işleýän ýokary çözgütli we takyk şekilleri almaga niýetlenendir.

Sanly ulgam arkaly dolandyrylýan diş tehnikleriniň barlaghanasy 45 tehnige niýetlenip, intellektual dolandyrylýan döwrebap kompýuter goldawly taslama we önümçilik (CAD/CAM) toplumlary, awtomatik 3D nusgalary çap ediş hem-de arassalama enjamlary bilen üpjün edilendir. Onuň esasy aýratynlygy toplumlarda «akylly» emeli aň ulgamynyň bolmagy bilen, garaşylmaýan ýalňyşlyklary aradan aýyrmakdan we takyklygy üpjün etmekden, taslamalary sanly, awtomatlaşdyrylan görnüşde amala aşyrmakdan, ýokary hilli serişdeleri giňden ulanmakdan; implantyň üstüne berkidilýän çylşyrymly protezleri gysga möhletde taýýarlamakdan ybaratdyr. Hormatly Prezidentimiz bölümiň aýratynlyklary bilen tanşyp, bu ýerde oturdylan kämil enjamlaryň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmagy tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz merkez bilen tanyşlygyny tamamlap, bu desgany Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli dabaraly açyp ulanmaga bermäge ýokary derejede taýýarlyk görmek barada tabşyryklary berdi. «Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda şeýle döwrebap lukmançylyk desgasynyň açylyp ulanmaga berilmegi milli saglygy goraýyş ulgamynyň binýadyny has-da berkitmäge uly goşant bolar» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz belledi.

## Täze okuw ýylynyň möhüm wezipeleri kesgitlendi

***26-njy awgustda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly atmyradyň mekany» şygary bilen ýurdumyzyň bilim işgärleriniň maslahaty geçirildi. Onda geçen okuw ýylynyň jemi jemlenildi hem-de 2026-2027-nji täze okuw ýylynda öňde durýan möhüm wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy.***

Maslahatda çykyş edenleriň belleýişleri ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan giň gerimli bilim özgertmeleriniň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilmegi netijesinde hemmetaraplaýyn bilimli, döwrebap tehnologiýalardan baş çykarýan kämil nesil kemala gelýär. Ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmäge, ösdürmäge hem-de döwrebaplaşdyrmaga döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde ähmiýet berlip, täze tehnologiýalar, bilimler we innowasiýalar esasynda ylymly-bilimli, sagdyn nesli terbiýelemek babatda giň mümkinçilikler döredilýär. Maksatnamalara, konsepsiýalara, strategiýalara, milli we öňdebaryjy tejribelere laýyklykda özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

2025-2026-njy okuw ýylynda çagalar bagyndan başlap, ýokary okuw mekdeplerine çenli bilim işi milli ýörelgelere, öňdebaryjy tejribelere hem-de halkara ölçeglere laýyklykda kämilleşdirilip, bilimiň üznüksizligi, onuň ähli derejesiniň yzygiderliligi üpjün edildi. Okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek baradaky meseleler hem maslahatda esasy üns berlen ugur boldy. Şunuň bilen birlikde, dünýä tejribesi esasynda okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny, kitaplary



kämilleşdirmek boýunça işler dowam etdirilip, ylmy-taslama işlerini alyp barmagyň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça okuw-usulyýet toplumlary taýýarlanyldy. Mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän dürli bäsleşikleriň gerimi giňeldilip, ýeňiji okuwçylar, olaryň ylmy ýolbaşçylary, ýaş mugallymlara halypalyk edýän pedagogik işgärler sylaglanyldy.

Maslahatda bilim ulgamynda ynsanperwer gymmatlyklary ösdürmegiň ugurlaryna hem aýratyn üns çekildi. Nygtalyşy ýaly, ynsanperwer gymmatlyklary ösdürmegiň esasy şertleriniň biri bilim bilen terbiýäniň bitewüligini üpjün etmekden ybaratdyr. ■ 2

## Hytaý Halk Respublikasynyň wekiliýetiniň ýurdumyza sapary

***24-nji awgustda Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň Kommunistik Partiýasynyň Komitetiniň Sekretarynyň orunbasary, bu raýonyň Halk Hökümetiniň başlygy Erkin Tuniýazyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Türkmenistana sapar bilen geldi. Myhmanlaryň saparynyň maksady Türkmenistan bilen HHR-iň Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň arasynda oba hojalyk, söwda-ykdysady we ylym-bilim ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmakdan ybaratdyr.***

Hytaý wekiliýetiniň agzalary, ilki bilen, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parkyna baryp gördüler. Olara tehnopark barada maglumat berlip, onuň düzümi hem-de bölümlerinde ornaşdyrylan innowasion häsiýetli tehnologik gurluşlar bilen tanyşdyryldy.

Günüň ikinji ýarymynda myhmanlaryň ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynyň, şol sanda Türkmenistanyň Oba hojalyk, Daşky gurşawy goramak ministrlikleriniň, «Türkmenpagta» döwlet konserniniň ýolbaşçylary hem-de oba hojalyk toplumynyň wekilleri bilen duşuşygy boldy. Onda oba hojalyk pudagynda hyzmatdaşlyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Bellenilişi ýaly, söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň esasy ugurlarynyň biri bolup, durnukly we uzak möhletleýin häsiýete eýedir.

Iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlykda möhüm wezipeleriň biri söwda-ykdysady ulgamda, şol sanda oba hojalyk pudagynda gatnaşyklary ösdürmekden ybaratdyr. Hytaýyň işewür düzümleriniň Türkmenistanda ýaýbaňlandyrylan bilelikdäki taslamalaryň, şol sanda oba hojalyk, syýahatçylyk,



söwda, marketing we ulag hyzmatlary, dürli pudaklar üçin ýokary tehnologiýaly enjamlary getirmek babatda oňyn tejribe toplandygyny bellemek gerek. Şunda wekiliýetleri alyşmak, iş saparlaryny, işewürlik maslahatlaryny we pudaklaýyn sergileri geçirmek meselelerine möhüm ähmiýet berilýär.

Türkmen tarapy ýurdumyzyň oba hojalygyny döwrebaplaşdyrmaga, şol sanda kuwwatly oba-senagat düzümini döretmäge, durmuş ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilen giň gerimli özgertmeleri amala aşyrmak bilen, innowasiýalary, öňdebaryjy tehnologiýalary we daşary ýurtlaryň iň gowy tejribelerini işjeň ornaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berýändigini nygtady. ■ 2



**COP17 sammiti tamamlandy**

Ulan-Batorda BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça konwensiýasynyň gatnaşyjylarynyň maslahatynyň 17-nji sessiýasy (COP17) tamamlandy. ■ 4



**Injiriň saglyga peýdasy**

Özboluşly tagama eýe bolan injiriň ata Watany Ýakyn Gündogar we Ortaýer deňzi sebitleri hasaplanýar. ■ 5



**Norrisiň yzly-yzyna 2-nji ýeňşi**

Formula 1 boýunça bir aýa golaý arakesme tamamlanyp, möwsümiň 12-nji bäsleşigi Niderlandlaryň Zandwoort şäheriniň adybir trassasynda geçirildi. ■ 7



**16 ýurtdan 36 topar**

UEFA Çempionlar Ligasynyň 35-nji, umumylykda-da bu ýaryşyň 72-nji möwsüminiň final tapgyryna gatnaşjak 36 klubuň ählisi hem belli boldy. ■ 8

## Stiw Jobsuň taslamasy auksionda

«Apple» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Stiw Jobsuň sekizinji synpda okaýarka elektronika boýunça işläp taýýarlan we 1968-nji ýylyň 29-njy fewraly bilen senelenýän mekdep taslamasy auksiona çykaryldy. Uzynlygy 81 santimetr fanerden ýasalan we «Tiristor näme?» diýlip atlandyrylan bu taslama iki sany görkezme shemasyndan, 10 sahypalyk hasabatdan hem-de Jobsuň elde çyzan çyzgylaryndan ybarat bolup, onuň



ýanyna eminler üçin işe girizilişi baradaky gözükdiriji hem goşulypdyr. Habar çap edilende oňa teklip edilýän puluň möçberi 3000 dollara barabar bolup, guramaçylar gyzyklanmanyň artmagyna garaşýarlar.

Häzirki wagtda «Apple» kompaniýasynyň 50 ýyllygyna bagyşlanyp «RR Auction» tarapyndan guralan «Steve Jobs & the Computer Revolution: The Apple 50th Anniversary Auction» atly auksionyň çäginde 200-den gowrak lot hödürlenýär. Oňa gatnaşýan esasy lotlaryň hatarynda 1977-nji ýylda öndürilen we henizem işleýän «Neumark» atly «Apple I» kompýuteri, şeýle hem inženerler tarapyndan enjamlaýyn bölegi we programma üpjünçiligi kämilleşdirilýänçä ölçeglerini gizlin saklamaga ýardam eden ilkinji «iPod»-yň prototipi - «Apple P68 Stealth iPod» bar.

## Ispaniýa öňdebaryjy orny eýelär

«Deloitte» we «Google» kompaniýalarynyň bilelikdäki geçiren täze barlaglaryna görä, 2040-njy ýyla çenli Ispaniýa Fransiýadan öňe geçip, dünýäde iň köp syýahatçy barýan ýurda öwrüler. Dünýäde syýahatçylyk saparlarynyň sany artmagyny dowam edip, 2040-njy ýylda ýyllyk görkeziji 2,4 milliarda ýeter we muňa, esasan, Ýewropa ýurtlary goşant goşar. Şol döwürde Ispaniýa gelýän daşary ýurtly syýahatçylaryň sanynyň 110 milliona ýetmegine garaşylýar, Fransiýada bolsa bu görkeziji 105 million bolar.



Şeýle hem ABŞ bilen Hytaý öňdäki başlikde galmagyny dowam etdirer, Italiýa altynjy orna düşer, Meksika bäşinji orna çykar. Aziýa we Ýuwaş umman sebiti bolsa daşary ýurtly syýahatçylary kabul etmekde ikinji orny eýelär. Syýahatçylyk pudagynyň ösüşi Ispaniýanyň ykdysadyýetine uly peýda getirýär. Ýöne şol bir wagtyň özünde, ýerli ilatyň bähbitlerini göz öňünde tutup, bu babatda käbir oýlanyşykly çäreleri görmek zerurlygy ýüze çykýar. Şolar sebäpli Ispaniýanyň Hökümeti we ýerli häkimiýetler tarapyndan gysga möhletli kärende jaýlaryny azaltmak, şeýle hem syýahatçylyk pudagyny düzgünleşdirmäge we tertip-düzgüni berkitmäge gönükdirilen täze çäreler görülýär.

## «SpaceX» täze kosmodrom gurar

ABŞ-nyň «SpaceX» kompaniýasy Luiziana ştatynyň Wermilion okrugynda «Starship» kosmos gämileri üçin täze kosmodrom gurmagy meýilleşdirýär. Kompaniýanyň resmi beýanatyna görä, bu taslama azyndan 100 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýumlaryny gönükdirmäge, 3 müňden gowrak täze iş ornuny döretmäge mümkinçilik berer.



Täze kosmodromyň gurluşyk işlerine 2027-nji ýylda başlanmagy, ilkinji uçuşyň bolsa 2029-njy ýyla niýetlenilmegi arkaly, bu ýerde ýylda müňlerçe uçuşy amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bu awtonom kosmos menzili özbaşdak ýangyç we elektrik energiýasyny öndürmäge ukyply bolar.

Häzirki wagtda «Starship» kosmos gämileriniň ähli synag uçuşlary Tehas ştatyndaky «Starbase» meýdançasyndan amala aşyrylýar. Kompaniýanyň strategiýasyna laýyklykda, köpugurly «Starship» ulgamy geljekde Ýeriň töwereginiň orbitasyna adamly uçuşlary amala aşyrmaga, emeli hemralary çykarmaga, şeýle hem Aýa, Marsa we beýleki daşky kosmos giňişliklerine missiýalary ýerine ýetirmäge niýetlenendir. Şunda köp gezek ulanylýan «Super Heavy» we «Starship» enjamlarynyň dik ýagdaýda gondurylmagy göz öňünde tutulýar.

## «Ferrari»-niň ilkinji elektroulagy

Italiýanyň «Ferrari» kompaniýasynyň ilkinji elektroulagy ABŞ-da geçirilen haýyr-sahawat auksionynda 40 million amerikan dollaryna satylyp, täze awtoulaglaryň bahasy boýunça dünýä rekordyny goýdy. «RM Sotheby's» tarapyndan guralan söwdada satuwdan gelen ähli serişde kompaniýanyň bilim başlangyçlaryny goldamak üçin ýörite gazna geçiriler.



Maý aýynda ilkinji gezek köpçülige hödürlenen we dizaýny sebäpli käbir tankydy belliklere duçar bolan «Ferrari Luce» elektroulagy 1050 at güýjüne eýe bolup, sagatda 100 kilometr tizlige 2,5 sekuntda ýetýär. Bu üstünlik kompaniýanyň öňki paýnamalaryndaky peselmeleriň öwezini dolmaga hem kömek etdi. Ýeri gelende bellesek, mundan ozalky iň gymmat täze awtoulag rekordy 2025-nji ýylda 26 million dollara satylan «Ferrari Daytona SP3» modeline degişlidi.

# ULY ÖSÜŞLERI NAZARLAÝAN DOST-DOGANLYK GATNAŞYKLARY

**25-nji awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.**

Türkmen halkynyň Milli Lideri we Gazagystanyň Prezidenti birek-biregi mähirli mübärekläp, iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň häzirki ýokary derejesini kanagatlanma bilen bellediler.

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky däp bolan dost-doganlyk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmäge goşýan uly şahsy goşandy üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe minnetdarlyk bildirip, möhüm syýasy waka – Gazagystan Respublikasynyň Gurultaýynyň ilkinji saýlawlarynyň geçirilmegi mynasybetli hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan gutlaglaryny beýan etdi. «Bu saýlawlaryň netijelerine Gazagystanyň halkynyň paýhasly çözgüdi we erk-islegi, Siziň şahsy syýasy ýeňşiňiz hem-de Siziň ýolbaşçylygyňyzda döwletiň syýasy, ykdysady, jemgyýetçilik durmuşynda üstünlikli amala aşyrylýan özgertmeleriň netijesi hökmünde garaýarys» diýip, Milli Liderimiz aýtdy hem-de gazak halkynyň gadymy, baý taryhy mirasyna, medeni-ruhy gymmatlyklaryna esaslanyp, doganlyk ýurduň mundan beýläk-de döredijilik we ösüş ýoly bilen ynamly öňe gitjekdigine ynam bildirdi.

### TÜRKMENISTANLY SYNÇYLARA HOŞALLYK BILDIRDI

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew gutlaglar hem-de hoşniýetli sözler üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdi we Türkmenistanyň goldawyna hem-de Milli Liderimiziň Gazagystan üçin taryhy waka – parlament saýlawlaryna şahsy ünsüne ýokary baha berýändigini belledi. Gazagystanyň döwlet Baştutany hormatly Arkadagymyzyň gutlaglarynyň iki doganlyk halkyň arasyndaky hakyky dostlugyň we hoşniýetli goňşuçylygyň subutnamasydygyny nygtap, saýlawlara gatnaşan türkmenistanly synçylara aýratyn hoşallyk bildirdi.

Hususan-da, türkmen synçylarynyň Gazagystan Respublikasynyň Gurultaýynyň saýlawlaryna taýýarlyk döwründe we saýlawlar geçirilende netijeli işländikleri, saýlawlaryň netijelerine milli kanunçylygyň ähli kadalaryna we halkara standartlara laýyklykda dürs baha berendikleri bellenildi.

Kasym-Žomart Tokaýew Gazagystanyň hem-de Türkmenistanyň kanun çykaryjy edaralarynyň mundan beýläk-de ýakyn özara hyzmatdaşlygy ösdürjekdiklerine, gazak-türkmen gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga öz goşantlaryny goşjakdyklaryna ynam bildirdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, iki ýurduň halklarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň köp asyrlaryň dowamynda dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk we özara hormat goýmak ýörelgeleri esasynda ösdürilýändigini belledi. Bu ýörelgeler häzirki döwürde we uzak möhletleýin geljekde ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek üçin berk binýat bolup hyzmat edýär.

Häzirki wagtda türkmen-gazak hyzmatdaşlygy syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer we beýleki ulgamlarda giň özara gatnaşyklary öz içine alýar. Bu ugurlaryň her biri boýunça hyzmatdaşlyk gurallary – hökümetara topar, degişli iş toparlary, gazanylan ylalaşyklaryň netijeli durmuşa geçirilmegini üpjün edýän beýleki utgaşdyryjy düzümler üstünlikli hereket edýär. Gahryman Arkadagymyz ýokary döwlet derejesinde ýola goýlan, özara ynanyşmaga, dostluga esaslanýan açyk we netijeli dialogyň hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmagyň esasy şerti bolup durýandygyny aýratyn belledi. Şeýle hem iki ýurduň ýolbaşçylarynyň duşuşyklarynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmäge täze itergi berip, özara düşünişmegi çuňlaşdyrmaga, strategik çözgütleri işläp taýýarlamaga we bilelikdäki işiň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemäge ýardam edýändigi aýdyldy.

### HALKARA SYÝASY GIŇIŞLIKDE ÝAKYN HYZMATDAŞLYK ALNYP BARYLÝAR

Türkmenistan bilen Gazagystan halkara syýasy giňişlikde-de ýakyn hyzmatdaşlygy alyp barýarlar. Ählumumy we sebit derejesinde giň gerimli we uzak möhletleýin strategiýalary, maksatnamalary durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýarlar. Şunuň bilen baglylykda, Milli Liderimiz Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk ýörelgesine esaslanýan daşary syýasatyny, Birleşen Milletler Guramasynda we beýleki abraýly halkara düzümlerde öňe sürýän başlangyçlaryny yzygiderli goldaýandygy üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe minnetdarlyk bildirdi.

Gazagystanyň Prezidenti ikitaraplaýyn gatnaşyklar barada aýtmak bilen, olaryň strategik hyzmatdaşlyk ruhunda yzygiderli ösdürilýändigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň geçen ýylyň noýabrynda Gazagysta-



na amala aşyran döwlet saparynyň netijeleriniň bu gatnaşyklara uly itergi berendigine üns çekildi. Prezident Kasym-Žomart Tokaýew geçen ýylyň dekabrynda paýtagtymyzda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen halkara forumyň çäklerinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz bilen geçiren duşuşygynyň ähmiýetini belledi.

### KASYM-ŽOMART TOKAÝEW AWAZADA GEÇIRILJEK SAMMITLERE GATNAŞAR

Iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň Gazagystanda we Türkmenistanda geçirilýän köptaraplaýyn forumlara gatnaşmagynyň ähmiýetini belläp, Gazagystanyň Prezidenti şu ýylyň noýabr aýynyň başynda Astanada geçiriljek «Emeli aň ulgamynda howpsuzlyk» mowzugy boýunça Akaba prosesiniň mejlisine hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagyna uly hormat bilen garaşýandygyny ýene-de bir gezek nygtady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri iki ýurduň sebit hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak boýunça uly işleri alyp barýandygyny aýdyp, bu ugurda Türkmenistanyň we Gazagystanyň garaýyşlarynyň köp babatda gabat gelýändigini ýa-da meňzeşdigini belledi. Gahryman Arkadagymyz şu ýylyň 7 – 9-njy oktýabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda üç möhüm sammiti, hususan-da, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygyny, GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisini we Hazar ekologiýa sammitini geçirmek baradaky Türkmenistanyň tekliplerini goldandygy hem-de bu forumlara gatnaşjakdygyny tassyklandygy üçin Gazagystanyň Prezidentine minnetdarlygyny beýan etdi. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň Türkmenistana amala aşyrjak saparyna uly ähmiýet berilýändigini belledi.

Gazagystanyň döwlet Baştutany oktýabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek üç möhüm sammitiň işine gatnaşjakdygyny ýene-de bir gezek tassyklap, Türkmenistanyň XXI asyrda Merkezi Aziýany ösdürmek maksady bilen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama goşulandygy üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdi.

Telefon söhbetdeşliginiň dowamynda Prezident Kasym-Žomart Tokaýew gazak we türkmen halklarynyň umumy medeni-ruhy gymmatlyklara eýedigini belläp, ahalteke atlarynyň özboluşly gözelligini hem-de olaryň Türkmenistanyň beýik milli mirasydygyny aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz mümkinçilikden peýdalanyp, Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasy bilen dostlugy we köpugurly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga taýýardygyny tassyklady hem-de Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe berk jan saglyk, uzak ömür, döwlet işinde üstünlikleri, Gazagystanyň doganlyk halkyna bolsa parahatçylyk, bagtyýarlyk, abadançylyk, gülläp ösüş arzuw etdi.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew däp bolan türkmen-gazak gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirip, iki ýurduň doganlyk halklaryna rowaçlyk hem-de ösüş arzuw etdiler.

## TÄZE OKUW ÝYLYNYŇ MÖHÜM WEZIPELERI KESGITLENDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bilim edarasynda berilýän her bir ders ýaşlaryň diňe bir hünär bilimlerini baýlaşdyrman, eýsem, olaryň pikirleniş medeniýetine, durmuş garaýyşlaryna, şahsyýet hökmünde kemala gelmegine-de täsirini ýetirýär.

Çykyşlarda inklýuziw bilimi ornaşdyrmakda pedagogik işgärleriň öňünde durýan wezipeler barada durlup geçildi. Inklýuziw bilim – bu ukyplaryna we mümkinçiliklerine garamazdan, çagalaryň bitewi bilim gurşawynda bilelikde okadylmagydyr. Inklýuziw bilimiň çäginde çagalaryň fiziki, akyl, medeni-ahlak, dil we beýleki aýratynlyklaryna garamazdan, orta mekdeplerde beýleki çagalar bilen bilim almagyna mümkinçilikler döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işlerine aýratyn üns çekildi. Gaznanyň işi jemgyýetde ynsanperwer ýörelgeleri dabaralandyrmakda, ýaşlary ata-babalarymyza mahsus belent adamkärçilik, asyllylyk, hoşniýetlilik ýörelgeleri esasynda terbiýelemekde hem nusgalyk görelde bolup durýar.

Maslahatda takyk ylma degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň konsepsiýalaryna laýyklykda, bilim ulgamyny dünýä ölçeglerine çykarmak boýunça degişli işleriň durmuşa geçirilýändigi bellenildi. Öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin okuw dersleri öwredilende, kompýuter tehnikalaryndan, innowasion usullardan netijeli peýdalanmak zerurdyr. Şeýle hem halkara guramalar, şol sanda ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň çäginde bilim, medeniýet, döredijilik ugurlarynda tejribe alyşmak, täze dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak hem-de okuwçylaryň dünýägaraýşyny giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň döredilýändigi aýdyldy.

Maslahatyň dowamynda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň terbiýe we bilim bermek işini kämilleşdirmegiň usullary barada hem durlup geçildi. Mekdebe çenli bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeler çagalar baglarynyň



maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek bilen birlikde, bilim işiniň mazmunynyň baýlaşdyrylmagyna hem gönükdirilendir. Ýurdumyzyň bilim işgärleriniň maslahatyndaky çykyşlarda beýan edilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gazanylýan üstünlikler milli bilim ulgamynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda ösdürilýändigini aýdyň görkezdi. Maslahatyň ahyrynda 2026-2027-nji täze okuw ýylynda bilim edaralarynda okuw-terbiýeçilik işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça öňde durýan wezipeler kesgitlenildi.

## HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ WEKILIÝETINIŇ ÝURDUMYZA SAPARY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle hem hytaýly wekiliýetiň agzalarynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasarynyň hem-de pudagyň birnäçe degişli ýolbaşçylarynyň gatnaşmagyndaky duşuşygy geçirildi.

25-nji awgustda paýtagtymyzdaky «Arçabil» myhmanhanasynda Türkmen-hytaý söwda-ykdysady forumy geçirildi. Oňa hytaýly myhmanlar, türkmen tarapyndan bolsa Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň başlygy, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, Türkmen ulag-logistika merkeziniň wekilleri gatnaşdylar.

Bu forum Türkmenistan bilen Hytaýyň Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy täze derejä çykarmak maksady bilen geçirilip, birnäçe esasy ugra gönükdirildi. Hususan-da, duşuşygyň maksady ikitaraplaýyn haryt dolanyşygyny artdyrmakdan, täze söwda mümkinçiliklerini öwrenmekden, bilelikdäki maýa goýum taslamalaryny maslahatlaşmakdan ybarat boldy. Şonuň ýaly-da, foruma gatnaşyjy taraplar logistika pudagynda netijeli gatnaşyklary ösdürmäge degişli özara gyzyklanma döredýän meseleler barada pikir alyşdylar.

Foruma gatnaşyjylar, şol sanda telekeçiler, işewür düzümleriň wekilleri öz degişli ugurlary boýunça ozal ýola goýlan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmek, bar bolan mümkinçilikleriň esasynda özara gyzyklanma bildirilýän meseleler boýunça täze ugurlarda gatnaşyklary ýola goýmak babatda anyk teklipleri hem ara alyp maslahatlaşdylar.



Şeýle-de şol gün Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň wekiliýetiniň resmi saparyna gabatlanyp, bilim ulgamynda alyş-çalyş we hyzmatdaşlyk boýunça «Merkezi Aziýa – Hytaý» merkeziniň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.

Tanyşdyrylyşyň çäklerinde iki ýurduň degişli edaralarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylarynyň hem-de wekilleriniň gatnaşmagynda netijeli duşuşyk geçirildi.

## HALKARA GATNAWYŇ TÄZE UGRY

Tehnologiýanyň ösmegi, ählumumy maýylganlygyň artmagy netijesinde ozal barmasy kyn bolan buzly deňizlerde gämi gatnawlary artdy. Arktikanyň üsti arkaly



gämi gatnawynyň artmagy Uzak Gündogar ýurtlary bilen Ýewropanyň aralygynda has ýakyn ýoly emele getirdi. Ozal Aziýanyň daşyndan aýlanyp, Sues kanalyndan Ýewropa gatnaýan gämiler indi Demirgazyk buzly ummanynyň üsti bilen gatnap başlady. Şeýlelikde, adatça 40 günde geçilýän bu aralyk iki esse gysgalyp, 20 günde geçilip başlandy.

Golaýda Hytaýyň «Sea Legend» kompaniýasy Russiýanyň demirgazyk kenarlary bilen geçip, Ýewropa bilen aralykda yzygiderli gatnawy ýola goýdy. Kompaniýanyň gämileri Hytaýyň Ningbo we Angliýanyň Felixstowe portlarynyň arasynda hepdelik gämi gatnawyny amala aşyrýar. Howanyň maýlamagy bilen tomus aýlarynda Arktikadan geçmek üçin ýörite buz döwüji gämilere zerurlyk duýulmaýar. Ozalky ýyllardaky ýaly buzluklaryň bolmazlygy adaty gämiler bilen bu ýerden geçmäge mümkinçilik berýär. Gyş aýlarynda bolsa, bu ýerde ýörite buz döwüji gämiler bilen gatnawlar dowam etdiriler. Gämi gatnawynyň yzygiderli ýola goýulmagy suw ulaglarynyň geçmegini has-da ýeňilleşdirer.

**Mälikmyrat APOWOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## TÜRKMEN WEKILIÝETI ÖZBEGISTANDA GEÇIRILÝÄN MEDIAFORUMA GATNAŞÝAR

Türkmenistanyň wekiliýeti Özbegistan Respublikasynyň Daşkent we Samarkant şäherlerinde 24–29-njy awgust aralygynda geçirilýän «Yslam siwilizasiýasy: täze garaýyş, täze açyşlar» atly halkara mediaforuma gatnaşýar.




Forumyň işine dünýäniň 50-den gowrak ýurdundan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, ylmy we medeni ulgamlaryň wekilleri gatnaşýarlar.

Plenar mejlisleriň dowamynda häzirki zaman media ulgamyny ösdürmek, taryhy-dokumental mazmuny döretmek, taryhy maglumatlary ylmy taýdan öwrenmek, neşirýat işi we sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak meseleleri boýunça pikir alşyldy. Halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge we media ulgamynda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge aýratyn üns berildi.

Forumyň çäklerinde taryhy ýadygärligi gorap saklamak, medeni mirasy giňden wagyz etmek we ony köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem-de sanly platformalaryň üsti bilen häzirki zaman jemgyýetçiligine ýetirmek meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär.

27-nji awgustda halkara mediaforumyň işi Samarkant şäherinde dowam etdirildi. Oňa gatnaşyjylar şäheriň taryhy-medeni mirasy bilen tanyşdylar.

28-nji awgustda bolsa halkara forumyň jemleýji umumy mejlisi geçiriler. Şeýle hem şol gün forumyň ýapylyş dabarasy bolar.

Türkmenistanyň wekiliýetiniň halkara mediaforuma gatnaşmagy medeni-ynsanperwer we maglumat ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge, hünär gatnaşyklaryny giňeltmäge hem-de daşary ýurtly kärdeşleri bilen tejribe alyşmaga ýardam berer.

## EMELI SÝORFING HOWZY GURULÝAR

Ispaniýanyň paýtagty Madridde sýorfingi halaýanlar üçin iri merkez döredilýär. Deňiz kenaryndan ýüzlerçe kilometr uzakda ýerleşýän bu şäherde emeli usulda tolkun döredýän iri suw toplumy gurulýar. «Atlético Madrid» futbol toparynyň stadionynyň golaýynda gurulýan «Gemswell Surf Madrid» atly desga Ýewropanyň iň uly sýorfing howzy bolar. Taslamanyň geljek ýylyň başynda ulanmaga berilmegine garaşylýar. Ýalpak howuz her ýylda 500 müňden gowrak myhmany kabul eder. Howuz iki bölekden ybarat bolup, biri höwesjeňler, beýlekisi türgen sýorfingçiler üçin niýetlenendir.



Howuzda her 8 sekuntda bir gezek täze tolkun döredilер. Bu ýerde ornaşdyryljak tehnologiýa jemi 20 görnüşli tolkun döredip biler. Iň beýik tolkun 2 metre ýeter. Bu ýerde sýorfing bilen meşgullanmak isleýänler üçin okuwlar hem guralar. Çagalar 4 ýaşyndan başlap, sportuň bu görnüşini öwrenip bilerler.

Bu ýerde diňe sýorfing bilen däl, eýsem, beýleki suw sportlary bilen meşgullanmaga hem mümkinçilik döredilер. Desganyň çäginde ýüzülýän howuz, skeýtbord parky, fitnes merkezi, ýoga salony, restoranlar we beýleki güýmenje merkezleri bolar. Desga bir wagtda 3 müňe golaý myhmany kabul edip biler.

**Rüstem HOJANEPESOW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň uly hasapçysy.*

## ÝOL YŞYKLARYNY EMELI AŇ DOLANDYRAR

Awstraliýanyň Morton-Beý şäherinde ulag dyknyşyklaryny azaltmak maksady bilen, emeli aň tarapyndan dolandyryljak ilkinji «akylly» çatrygy synagdan geçirmäge taýýarlyk görülýär. «ABC News» neşirine salgylanyp habar berlişi ýaly, bahasy 170 müň awstraliýa dollaryna barabar bolan bu taslama üçin zerur tehnologiýany Awstriýanyň «Swarco» kompaniýasy üpjün etdi. Täze ulgam asfaltdaky köne datçikleriň hem-de taýmerleriň ornuny kameralar we



LiDAR ulgamlary bilen çalşar. Ol hakyky wagt tertibinde ýol hereketine gatnaşyjylary – awtoulaglary, awtobuslary, welosipedçileri we pyýadalary görüp, garaşyp durulmaz ýaly ýaşyl yşygyň ýakylmaly wagtyny ýüzugra kesgitlär.

Synaglaryň şu ýylyň ahyrynda başlanmagy meýilleşdirilýär we häzirlikçe bu diňe ýeke-täk çatrykda geçirilýän synag bolup durýar. Şol sebäpli hem hünärmenler maglumatlaryň goraglylygy we ulgamyň netijeliligi barada entek anyk netijä gelmäge howlukmaýarlar. Täze çemeleşme üstünlikli bolan ýagdaýynda, bu synagyň has giň gerimde dowam etdirilmegi göz öňünde tutulýar.

## HYTAÝ ROBOTLARYNYŇ TARYHY REKORDY

Pekinde geçirilen adampisint robotlaryň ikinji bütindünýä oýunlarynda hytaýly alymlaryň döreden robotlary dünýä belli ýamaýkaly sprinter Huseýn Boltuň 100 metr aralyga ylgamakda 9,58 sekuntlyk rekordyny täzelemegi başardylar. Bäsleşigiň resmi saýlama ýaryşynda «Tiangong Ultra» roboty aralygy 9,39 sekuntda geçip ýeňiji bolan bolsa, «Lightning» roboty deslapky synaglarda 9,32 sekuntlyk netijäni görkezendigine garamazdan, saýlama tapgyrda 9,47 sekunt bilen ikinji orny eýeledi. Şeýle-de «Unitree Robotics» kompaniýasynyň «Superman» adyny göterýän roboty sagatda 45,6 kilometr tizlik görkezip, Huseýn Boltuň rekord ylgawyndaky iň ýokary tizliginden hem öňe geçdi.



Şol bir wagtyň özünde, ýyndam robotlarda tormoz ulgamynyň entek doly işlenilmändigi sebäpli, pellehanadan geçen robotlar ýörite taýýarlanylan gorag diwaryna baryp uruldylar. Bary-ýogy 1 ýyl öň geçirilen ilkinji oýunlarda ýeňiji robot 100 metri 21 sekuntdan hem köp wagtda geçen bolsa, häzirki wagtda tehnologiýanyň ösüşi mese-mälim duýulýar. Şeýle hem «Tiangong Ultra» duran ýerinden beýiklige bökmekde 2,88 metr netije görkezip, bu ugurda adamyň goýan rekordyndan geçmegi başardy. 16 ýurtdan 666 toparyň we 2056 robotyň gatnaşmagynda 22–26-njy awgust aralygynda geçirilen halkara oýunlarda bäsleşikler sportuň 51 görnüşi boýunça alnyp baryldy.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 28-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119355
Belgisi: 35/1705
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# PARYZDEPE – MILLI MIRASYŇ GENJI-HAZYNASY

«Garaşsyz Watanym – Türkmenistanym» atly döredijilik bäsleşigine

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde milli medeni mirasymyza, taryhymyza sarpa goýmak hem-de çuňňur öwrenmek, halkymyzyň maddy we ruhy gymmatyklaryny gorap saklamak ugrunda uly işler amala aşyrylýar.

Alymlaryň bellemegine görä, soňky arheologiýa barlaglarynyň netijeleri we öwrenilen etnografiýa gymmatlyklary Türkmenistan Watanymyzy adamzat siwilizasiýasynyň bäş sany merkeziniň biri hökmünde ykrar etmäge esas berýär.

Ýurdumyz taryhy-medeni ýadygärliklere diýseň baýdyr. Şolaryň biri-de Täze Nusaýdan 10 kilometr töweregi uzaklykda ýerleşýän Paryzdepe ýadygärligidir. 2016-njy ýylda Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda Aşgabadyň etegindäki Paryzdepe ýadygärligi türkmen alymlary tarapyndan giňden öwrenilip başlandy. Arheologlaryň maglumatlaryna görä, bu şäher biziň eýýamymyzdan öňki V müňýyllykda döräpdir hem-de giçki orta asyrlara çenli ösüşini dowam edipdir. Taryhy maglumatlara görä, Paryzdepäniň çäginde ilkinji kärizler hem gurlupdyr. Ýadygärligiň çäklerinden tapylan küýze bölejikleri, guýular gazylanda ulanylan gurallar bu ýerde ekerançylygyň giňden ösendigine, şol sanda çylşyrymly suwarymly ulgamyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Paryzdepäniň umumy meýdany 3,2 gektara barabardyr. Tapyndylar IX–X asyrlara degişli bolup, olaryň arasynda Nusaýyň keramikasyna kybap küýze bölekleri duş gelýär. 2016-njy ýylda başy başlanan Paryzdepäniň ylmy taýdan öwrenilmegi häzire çenli dowam edýär. Alym Arkadagymyzyň: «Çünki Watan söýgüsi mähir bilen özüne dartýan jadyly güýçdür. Şol güýç bolsa, ynsanyň kalp päkliginiň şu ýaýlalaryň ýaraşyklylygynda, gaýtalanmajak meňzinde göze görünmän ýaşaýan gudratydyr. Bu daglar saňa gadymyýetden seda getirip, köňlüňi ylhamlandyrýar. Ol sedada, düşünseň, manysy ömrüň boýy çözläniňde hem soňlanylmajak syrlylyk hem täsinlik ýaşaýar diýärin. Bular hakyndaky rowaýatlary toplanyňda hem, ol tükenmez hazyna ýalydyr, ýene-de üsti baýlaşar barar» diýip belleýşi ýaly, ýaşlara watançylyk terbiýesini bermekde ýurdumyzyň taryhy ýadygärliklerini, şol sanda Paryzdepäni düýpli öwrenmek hem-de giňden ýaýmak möhümdir.



Bu taryhy-medeni ýadygärligiň golaýynda ýaşaýan ýerli ýaşulularyň aýtmaklaryna görä, Paryzdepäniň çäginde ýerasty desga ýerleşipdir. Gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde anyklanyşy ýaly, ýerasty desganyň diwarlary, esasan, inedördül görnüşli çig kerpiçden örülip çykarylypdyr, emma aýry-aýry böleklerinde bişen kerpiçlere hem duş gelmek bolýar. Diwarlaryň aşaky bölekleri uly daşlardan örülipdir. Desganyň girelgesi günorta-gündogar tarapda ýerleşipdir. Paryzdepäniň çäginde saklanyp galan gönüburçly galanyň yzlary ünsi özüne çekýär. Mundan başga-da, köpsanly mawy öwüşginlere beslenen keramiki bezeg serişdeleriniň bölekleri Seljuklar eýýamynda ýa-da ondan soňky döwürde, azyndan XV asyra çenli bu ýerlerde belent binalaryň gurlandygyny görkezýär. Paryzdepe ýadygärliginde gazuw-agtaryş işleriniň dowam etdirilmegi arheologlar üçin ähmiýetli işleriň ýerine ýetirjekdigi şübhesizdir. Ýadygärlik orta asyr binagärliginiň ösendigini görkezýär. Diwarlaryň aşaky bölekleriniň berkligini gazanmak üçin daşlaryň örülendigi muňa aýdyň mysaldyr. Oguz türkmenleriniň beýleki desgalaryna hem bu usul duş gelýär. Olaryň galyndylary Aşgabadyň töwereklerinde, daglarda we Garagumda saklanyp galypdyr. Munuň özi oguzlarda daş galalaryň bolandygyny görkezip, olar «kent» diýlip atlandyrylypdyr. XX asyrda Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärliklerini, hususan-da, Paryzdepäni öwrenen alymlar bu ýadygärlikde-de oguzlaryň döwrüne mahsus bolan keramika önümleriniň saklanyp galandygyny belläp geçipdirler.

Paryzdepe özünde diýseň gyzykly taryhy maglumatlary jemleýär. Orta asyr golýazmalaryndaky maglumatlara görä, Mäne baba hem Nusaýa girmän, uly bolmadyk, emma ähli amatlyklary bolan Paryzdepe şäherinde düşlär eken. Bu şäher Nusaýdan Beýik Seljuklar döwletiniň şäherlerine ugraýan söwda kerwenleriniň howpsuzlygyna gözegçilik etmekde möhüm wezipäni ýerine ýetiripdir. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda Nusaýa ýakyn menzil Paryzdepe bolupdyr. Bu ýerde kerwenler dynç almak ýa-da zerur azyk harytlaryny edinmek üçin düşläpdirler. Galanyň esasy wezipeleriniň biri Nusaýa barýan kerwenleriň berk goraglylygyny üpjün etmek bolupdyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik özgertmelerini Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň üstünlikli dowam etdirmegi netijesinde, milli mirasymyzy, taryhy ýadygärliklerimizi, medeniýetimizi düýpli öwrenmek, gorap saklamak, şeýle-de taryhy we medeni ýadygärliklerimizi dikeltmek boýunça düýpli işler amala aşyrylýar. Şeýle mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Bekmyrat BEKJÄÝEW,**
*Aşgabat şäherindäki 48-nji orta mekdebiň iňlis dili mugallymy.*

# ÄHLI DÖWÜRLERIŇ USSAT SURATKEŞI

2026-njy ýylda dünýä meşhur suratkeş Pablo Pikassonyň doglan gününiň 145 ýyllygy ýokary derejede bellenilýär. Ol 1881-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ine Ispaniýanyň günortasyndaky Malaga atly port-şäherinde dünýä inýär. Maşgalada Pikasso dört doganyň iň ulusy bolupdyr. Ol surat mugallymy bolup işlän kakasy Hose Ruis Blaskodan sungata bolan höwesi, çeperçilik usullar hakdaky esasy düşünjeleri alypdyr we tizara bu ugurdan kämilleşip başlapdyr.

Pikasso başlangyç çeperçilik bilimini ýerli sungat mekdebinde alýar. 1895-nji ýylda tutuş maşgalasy bilen birlikde Barselona göçüp baryp, ol ýerde hünärini kämilleşdirmek maksady bilen, 14 ýaşynda La-Lonhanyň nepis sungatlar mekdebine girýär we iki ýyldan soň, 1897-nji ýylda Madriddäki San-Fernandonyň adyny göterýän nepis sungatlar akademiýasyna geçirilýär. Bu ýerde Pikasso bir ýyla golaý okapdyr. Suratkeş okuwyny doly tamamlaman, dünýäniň ençeme şäherlerine syýahat edip başlaýar, belli muzeýlere aýlanýar we gören zatlaryndan täsirlenip, özboluşly suratkeş hökmünde tanalýar.





Pablo Pikassonyň döredijiligi jemi on tapgyra bölünýär: irki döwür (1889-1900 ý.), mawy döwür (1901-1904 ý.), gülgüne döwür (1905-1906 ý.), afrikan döwür (1906-1907 ý.), kubizm döwri (1908-1921 ý.), nusgawy döwür (1917-1925 ý.), sýurrealizm döwri (1925-1937 ý.), uruş döwri (1937-1945 ý.), uruşdan soňky döwür (1946-1954 ý.), giçki döwür (1954-1973 ý.). Bu döwürleriň her birine özboluşly şekillendiriş sungaty usuly we ugurlary mahsusdyr. Pikasso şahsy düşünjelerine daýanyp, sungatda täze-täze duýgulary, täsirleri esaslandyrypdyr, öz eserleri bilen elmydama täzelenip durýan durmuş hakykatyny aňladypdyr. Onuň eserlerinde dürli tekizlikler we geometrik şekiller (ýarym tegelek, tegelek, üçburçluk, gönüburçluk, inedördül, kub we ş.m.) özara kesişipdir. Şeýlelikde, suratkeş jisimiň haýsydyr bir energiýa merkezini, onuň içki many-mazmunyny ýüze çykarypdyr.

Köptaraplaýyn ussat suratkeş Pablo Pikasso XX asyrlaryň reformatory bolmak bilen, çalt depginde täzelenip duran döwür bilen aýakdaş gidipdir. Ol naturalizmiň çäginden çykyp, sungatyň öwrenijilik, akyl ýetiriş wezipesinden el çekipdir. Suratkeşiň eserleri onuň ýaşan döwrüniň häsiýetli aýratynlyklary bilen sazlaşykda pikirleriň hem-de duýgularyň birleşmesinden kemal tapypdyr. Pikassony häzirkizaman şekillendiriş sungatynyň ösüşinde täze akymy döreden uçursyz zehin diýip hasaplamak bolar.

Pablo Pikasso uzak döredijilik ýolunyň dowamynda sungatyň we çeperçilik garaýyşlarynyň esasyny kemala getiren köpsanly açyşlary etdi. Ol ilkinji bolup täze şekilleri döredip, geçmişiň nusgawy şekillendiriş usullaryny ret edipdir. Suratkeş öz eserlerini döretmekde güýjüni hem wagtyny gaýgyrman, tutuş durky bilen işläpdir. 91 ýyl ömür süren suratkeş elmydama kendiriň öňünde zähmet çekipdir. Ol öz döwrüniň ussat suratkeşi bolmak bilen, sungatda täzeçillige ýol açyp, şol döwürdäki kada öwrülen köne garaýyşlara garşy çykypdyr. Onuň döredijiligi tutuş döwri kesgitlän ençeme sungat akymlaryny we çeperçilik ugurlaryny öz içine alýar. Ussadyň eserlerine dünýäniň dürli künjeklerinde ýaşan suratkeşler öýkünipdirler, onuň pikirlerine eýeren ussatlar ähli döwürlerde hem bar. Muňa mysal hökmünde Türkmenistanyň halk suratkeşi Ýarly Baýramowyň döredijiligi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Ussat nakgaşyň köpýyllyk gözleginiň netijesinde kemala gelen abstrakt şekillendiriş özboluşlylygy üçin «Baýramowyň çeperçilik akymy» diýlip atlandyrylýar. Ol Pikassonyň yzyny ýöredijileriň biri bolmak bilen, «türkmenleriň Pikassosy» diýlip hem atlandyrylýar. Sebäbi Pikassonyň täsiri astynda türkmen suratkeşiniň döredijilik pikirlenmesi we çeperçilik görüş ukyby özgeripdir. Ýarly Baýramow döwrebap çeperçilik akymynyň ýörelgelerine daýanmak bilen, arassa reňkleri ulanyp, tebigata, adamzat durmuşyna ýüzlenýär. Ol öz eserlerini döretmekde nakgaşlygyň özboluşly güýji bilen utgaşýan çyzyklaryň matematiki takyklygyndan hem-de dogrulygyndan ugur alýar. Onuň köptaraply döredijiligi belli bir serhedi-çägi bolmadyk geljege gönükdirilendir.

Biziň döwrümizde Pablo Pikassonyň döredijiligi has içgin öwrenilip, iň ýörgünli suratkeşleriň biri hökmünde tanalýar.

Onuň döredijiligi ösüp gelýän ýaş nesiller üçin görelde mekdebidir. Häzirki wagtda ussat suratkeşiň iň naýbaşy eserleri Barselona şäherindäki Pikassonyň muzeýinde saklanýar.

**Selim RASULOW,**
*žurnalist.*

## EDEBIÝAT

***Alan Miln: «Artur Konan Doýlda eserleri okalyp gutarylandan soň hem okyjynyň aňynda ýaşamagyny dowam edýän gahrymanlary döretmäge ukyply, seýrek duş gelýän genilik bar».***

# HÖWESJEŇ BOKSÇY

(Hekaýa)

Artur Konan Doýl,
iňlis ýazyjysy

1897-nji ýylyň awgust aýy. Robert Montgomeri demiňi tutup gelýän kömür tüssesine bürenip, hüýt gara çaňa gömlüp oturan senagat şäherçesi Krokslide lukmanyň kömekçisi bolup işleýärdi. Ol zähmetkeşligi, bilimliligi, sypaýylygy hem-de asyllylygy bilen töweregindäki adamlaryň, hatda iň gyzma we gyňyr işçileriň hem sylag-hormatyna eýe bolupdy. Muňa garamazdan, ykbal ony örän ýowuz we çykalgasyz ýaly bolup görünýän uly maliýe synagyna duçar edipdi.

Uniwersitetde sapaklaryň başlanmagyna az wagt galypdy. Soňky ýyly tamamlap, diplomly lukman bolmak üçin Roberte gyssagly 60 funt sterling gerekdi. Şol döwrüň ölçeglerine görä, bu pul ýaş lukman üçin ýylboýy zähmet çekse-de toplap bolmajak ummasyz baýlykdy. Eger şol tölegi bellenen möhlete çenli uniwersitete geçirmese, Robert okuwyny dowam etdirip bilmeýärdi, bu bolsa onuň çeken ähli irginsiz zähmetini hem-de köňlünde beslän belent arzuwlaryny püçege çykarjakdy. Netijede, onuň geljekki lukmançylyk käri başlanmanka soňlanyp, ömürlik garyplygyň hem-de kömür tüssesiniň içinde galybermelidi.

Robert ýerli lukman, doktor Oldakryň ýanynda gije-gündiz agyr zähmet çekýärdi. Doktor Oldakr bolsa diňe öz bähbidini bilýän, doňýürek hem-de örän husyt adamdy. Bu adam Robertiň agyr durmuşyny görse-de, ony diňe arzan işçi güýji hökmünde ulanýardy. Robertiň diplom alyp, öz ýanyndan gidäýmeginden howatyrlanýandygy üçin oňa gara şaýy hem artyk hak tölemeýärdi. Robert hassalary kabul edýärdi, derman taýýarlaýardy hem-de gijelerine sowuk köçelerden ötüp, agyr keselli adamlaryň öýlerine aýlanýardy. Emma bu iş oňa diňe az-kem gündelik iýmit, ýaşamak üçin ýönekeýje şert döredýärdi. Ýöne okuw tölegi üçin zerur bolan 60 funt sterlingiň bolsa, yzyndan ýeter ýaly däldi. Çykgynsyz ýagdaýa düşen Robert soňky umydy hökmünde doktor Oldakrdan karzyna pul sorady, ýöne gysyk doktor onuň bu haýyşyny sowukganlylyk bilen ret etdi. Robertiň ene-atasy hem oňa maliýe taýdan goldaw berip biljek däldi, sebäbi olaryň özleri hem zordan güzeranyny aýlaýardy.

Rehimsizlik bilen geçip barýan her bir gün, hatda her bir sagat ýaş ýigidi arzyly arzuwlaryndan barha uzaklaşdyrýan ýalydy. Ol döwür agyr senagatyň gülläp ösen, emma adamlaryň durmuş şertleriniň diýseň kyn zamanydy. Şäherçede zähmetde taplanan, çydamly, gyzma häsiýetli şahtaçylar hem-de çoýun guýýan işçiler ýaşaýardy. Bu garaňky künjekde adamlaryň agyr zähmetden soňky iň uly güýmenjesi bolsa, boks tutluşyklarydy. Şol günlerde tutuş şäherçede – magdan känlerinden başlap, köçelere çenli hemme ýerde diňe bir at agyzdan-agza geçýärdi: krokslili ussat Saýlas Kregs. Kyrk ýaşlaryndaky bu adam professional ringde uzak ýyllaryň dowamynda onlarça garşydaşyny kül-uşak eden, ýowuz, örän tejribeli, arslan ýürekli ýanbermez boksçudy. Ol özüniň rehimsiz, agyr urgulary, demir ýaly çydamlylygy we çeýe söweş tilsimi bilen şu töwerekde ýakasyny tanadypdy. Ýakyn günlerde onuň ýaş, çalasyn we berdaşly boksçy Ted Barton bilen uly tutluşygy meýilleşdirilýärdi. Bu darkaş tutuş şäherçe üçin ýylyň iň uly, iň tolgundyryjy wakasy bolmalydy. Ýaryşyň baýragy 100 funt sterling diýlip bellenildi. Bu pul Robertiň arzuw eden, mätäçlik çekýän pulundan hem ep-esli köpdi. Edil şol günler garaşylmadyk bir şowsuzlyk bolup geçýär: Saýlas Kregsiň garşysyna ringe çykmaly bolan boksçy Ted Barton türgenleşikde şikes alyp, söweşden çekilmeli bolýar. Bäsleşige şäherçäniň tutuş ilaty, aýratyn hem şahtaçylar bilen demir guýujylar örän uly höwes we sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Eýýäm birgiden petek satylyp, tutluşygyň guramaçylary uly şowhun bilen taýýarlyk görýärdiler. Ähli zat bellenen tertipde, ýerli ýaşaýjylaryň uly gyzyklanmasy we janköýerligi astynda dowam edýärdi.

Indi Bartonyň ornuny tutup, krokslili ussadyň garşysyna çykmaga het edip biljek batyrgaý kişi gyssagly tapylmalydy.Şol pursat 23 ýaşly Robert Montgomerä krokslili ussadyň garşysyna çykmak barada garaşylmadyk teklip gelip gowuşýar. Guramaçylar Robertiň uniwersitetde boks bilen yzygiderli meşgullanyp, talyplaryň arasynda çempion bolandygyny, öz güýjüni hem-de çalasynlygyny subut edendigini bilýärdiler. Emma ol mundan öň hiç wagt professional ringe çykmandy. Krokslili ussat ýaly güýçli, tejribeli boksçy bilen ringe çykmak onuň oýuna hem gelmeýärdi. Ýöne ýeňiş üçin wada berlen 100 funt sterling baýrak Robertiň ähli kynçylyklaryny dessine çözmäge, okuwyny tamamlap diplom almagyna we geljegini gurmagyna doly mümkinçilik berjekdi. Robert Montgomeri ömrüniň iň jogapkärli, iň möhüm we töwekgelçilikli pursadynyň öňünde durdy. Ol ýa öz abraýyny, saglygyny, hatda ömrüni-de orta goýup ringe çykmalydy, ýa-da lukman bolmak arzuwyndan mydamalyk el çekip, şu tüssä gaplanan şäherçede ýetde-gütde durmuşda galybermelidi. Ýöne Robertiň geljege bolan beýik arzuwy hem-de berk eradasy gorkusyndan rüstem geldi. Şeýlelikde, lukmanyň kömekçisi ýanbermez boksça garşy ringe çykmaga razylyk berdi.



Robert gysga wagtyň içinde tutluşyga taýýarlanmaga girişdi. Onuň türgenleşmegi, beden taýdan berkemegi üçin bolsa, sanlyja gün galypdy. Robert uniwersitetde öwrenen boks tilsimlerini – goranmagy, urgulardan sowulmagy, garşylyklaýyn hüjüm etmegi täzeden gaýtalap ugrady. Ol gündizki agyr zähmetden soň galan sanlyja sagatlarynda boks elliklerini geýip, türgenleşik geçýärdi, aýak hereketlerini kämilleşdirip, gorag tilsimlerini gaýtalaýardy. Şeýdip öz çalasynlygyny we çydamlylygyny iň ýokary derejä ýetirmäge çalyşýardy. Otagynda asyp goýan torbasyny ýumruklap türgenleşýärdi, gije-gündiz diýmän, boksuň her bir tärini we urgusyny hyýalynda täzeden janlandyrýardy.

Ýöne onuň garşydaşy polat eredijileriň arasyndan saýlanyp çykan gazaply söweşiji, «krokslili ussat» lakamyny alan Saýlas Kregsdi. Bu boksçy söweşde örän rehimsizdi. Ol diňe bir ýeňiş gazanmak däl, eýsem, garşydaşyny beden hem-de ruhy taýdan bütinleý çökermek, ony ringden zordan göterip äkitmeli ýagdaýa getirip, masgara etmek üçin jan edýärdi. Saýlas Kregs üçin bu tutluşyk nobatdaky aňsat ýeňiş, ýönekeýje bir oýun ýalydy. Ol lukmanyň ýaş kömekçisini ilkinji raundda-da seňseledip, ýere ýazjakdygyna birjik-de şübhelenmeýärdi. Krokslili ussadyň türgenleşigini synlamaga gelenler onuň haýbatly urgularyny görüp, Robertiň ýeňiş gazanmaga hiç hili mümkinçiliginiň ýokdugyny çaklaýardylar.

Soňabaka ilat arasynda bu duşuşyk barada dürli-dürli myşmyşlar, degişmeler, jedeller we geňirgenmeler ýaýrap başlady. Lukmanyň kömekçisiniň Krokslili ussada garşy durup biljekdigine hiç kim ynanmaýardy. Indi hemmeler Roberte «gurbanlyk tokly» hökmünde seredýärdiler, hatda krokslili ussat ony galmaz edäýse-de, geň görmejekdiklerini aýdyşyp, gorkunç çaklamalary öňe sürýärdiler. Robert bu howply we töwekgelçilikli ädimi doktor Oldakrdan gizlin saklaýardy, sebäbi doktoryň mundan habary bolan ýagdaýynda oňa hiç wagt rugsat bermejegini gowy bilýärdi. Emma Robertiň erk-eradasy diýip-aýdar ýaly däldi: ol öz arzuwy we geljegi üçin bu howply synagdan hökman geçmelidi.

Türgenleşikleriň dowamynda Robert fiziki taýdan kämilleşmegine, çakganlygyna hem-de çydamlylygyna çynlakaý üns berýärdi. Esasy tilsimi bolsa, agyr we heläkçilikli urgulardan sowlup, garşydaşyny ýadatmak, güýjüni tüketmek we amatly pursatda jaýdar, çalasyn hüjümleri bilen ýeňiş gazanmakdan ybaratdy. Şeýle hem Robert garşydaşynyň sag aýagynyň biraz gowşakdygyndan, çeýe hereket edip bilmeýändiginden habarlydy, ol hut şu ýetmezçilikden peýdalanmagy meýilleşdirýärdi. Onuň bilen gönüden-göni darkaşa girip, top atylan ýaly urgularyna garşy durup bolmajakdygyna gowy düşünýärdi, diňe akyl, çalasynlyk we dogry saýlanan emel-tilsim ony halas edip biljekdi.

Tutluşyk güni ýakynlaşdygyça, şäherçedäki dartgynlylyk ýetjek derejesine ýetdi. Töwerekdäki kömür känlerinden, çoýun eredilýän zawodlardan we goňşy obalardan müňlerçe adam köne fabrigiň içinde gurnalan ringiň daşyna ýygnanyp başlady. Şahtaçylar öz zähmetkeş synpyna degişli bolan Roberti uly ynam bilen goldaýardylar. Robert üçin bu tutluşyk diňe bir garşydaş bilen däl, eýsem garşy tarapdaky duşmançylykly, gykylykçy we şowhunly mähelle bilen boljak söweşdi. Tutluşygyň öň ýanyndaky gijäni Robert tükeniksiz aladalar bilen geçirdi. Ol içki dünýäsindäki gorky bilen umydyň arasynda çyrpynýardy. Eger ol ýeňilse, diňe bir pulsuz galman, saglygyny, abraýyny we lukmançylyk ugrundan geljegini hem ýitirjekdi. Emma ýeňiş oňa täze durmuşyň, erkinligiň, iň esasy hem, lukmançylyk kesbiniň gapylaryny açjakdy. Bu pikir oňa gaýrat berýärdi, gorkusyny ýeňmäge kömek edýärdi. Ol ellerine seretdi-de: – Şu eller meni ýa lukman eder, ýa-da ähli zatdan mahrum galdyrar – diýip pyşyrdady.

Ahyrsoňy tutluşyk güni gelip ýetdi. Binanyň içini müňlerçe adamyň şowhuny gaplap alypdy. Garşydaşlar ringe çykanlarynda, mähelläniň olara bolan garaýşy göz-görtele tapawutlanýardy. Krokslili ussat ringe çykanda, binanyň içini dolduryp oturan köpçüligiň agramly bölegi ony alkyşlap, aýak tapyrdylary, sykylyk, uly şowhun bilen garşy aldy. Onuň görnüşi eýmençdi: giň eginli, tokmak ýaly myşsaly, ýüzünde köp söweş ýaralarynyň yzlary galan bu adam hakyky, tejribeli ussatdy. Robert ringe çykanda bolsa, demir eredijiler topary ony sowuk-sala, ýaňsylaýjy degişmeler we gülki bilen garşylady. Onuň inçemik göwresi, sypaýy durky hatda ony goldaýan şahtaçylaryň gözüne hem hakyky boksçy däl-de, ýöne bir tomaşa üçin çykan kişä meňzedýärdi.

Emin olara düzgünleri ýatladansoň, jaň kakyldy. Tutuş binanyň içine ümsümlik aralaşyp, tutluşyk başlandy. Krokslili ussat bir sekunt hem wagtyny ýitirmän, Robert Montgomeriniň üstüne aýy ýaly topuldy. Onuň maksady ilkinji sekuntlarda garşydaşyny kül-peýekun edip, söweşi gysga wagtyň içinde tamamlamakdy. Ol haýal etmän, özüniň gürzi ýaly agyr ýumruklaryny, haýbatly huk we kros urgularyny işe girizdi. Onuň her bir urgusy howany ok ýaly kesip geçýärdi. Olaryň ýekejesi Roberte degse, söweş şol bada gutarjakdy. Robert ilkinji sekuntlardan örän akylly, sowukganly hem sabyrly hereket edip, öňünden mazaly bişiren tärini berk berjaý etdi. Ol garşydaşynyň heläkleýji urgularyndan uzagrakda, çalasyn hereket edip, hemişe belli bir aralygy saklamaga çalyşdy. Agyr hüjümlerden ýeserlik bilen sowlup, garşydaşynyň goranyşyndaky kiçijik boşluklary hem gözden sypdyrmazlyga jan edýärdi.

Ilkinji raundlarda Robert özüniň çakgan we takyk sol jeb urgulary bilen garşydaşynyň ýüzüne yzygiderli urgy indermegi başardy. Muny gören mähelle haýran galyp, dowla düşdi. Ýaş lukman kömekçisiniň eserdeň garşylygyna gahardan ýaňa hum ýaly çişip, gözleri gyzaran ýerli boksçy gazaba münüp, täzeden öňe okduryldy. Üçünji we dördünji raundlara geçilende, tutluşyk has-da ýowuzlaşdy. Krokslili ussat Roberti ringiň burçundaky urganlara gysyp, göwresine we kellesine yzygiderli agyr urgulary inderdi. Bu urgularyň zarbyna çydap, batyrgaý goranýan Robert ahyry burçdan syrylyp çykmagy başardy. Emma garşydaşynyň aşakdan inderen aýylganç aperkot zarbasy Robertiň göni eňegine degdi. Şol urgynyň zarbyna Robert aýagynyň üstünde durup bilmän, agyr gülle ýaly ýere gürpüldäp ýykyldy. Mähelle güýjünde baryny edip damak ýyrtýardy, krokslili ussadyň tarapdarlary bolsa, eýýäm ýeňiş heşellesini kakmaga başladylar.

Emin Robertiň ýanyna baryp, sanap ugrady: «Bir, iki, üç...». Robertiň gözleri garaňkyrap, gulaklarynda eýmenç bir şaňňyldy peýda boldy. Şol gysgajyk, ýöne bir ömre barabar sekuntlarda göz öňünden tamamlamaly uniwersiteti, zerur 60 funt sterlingi, kynçylyklary, geljekki lukmançylyk bilen bagly durmuşy kino lentasy ýaly geçip gitdi. Onuň bu ýerde ýykylyp galmagy boljak zat däldi, bu ýagdaý tutuş ömrüniň kül bolmagyny aňladýardy. Emin «sekiz» diýende, Robert sandyraýan aýaklaryna daýanyp, polat deý erkiniň güýji bilen dikeldi hem-de täzeden goranyş ýagdaýyna geçdi.

Bäşinji we altynjy raundlarda Robert öňki säwliklerinden sapak alyp, tutluşygy durnukly alyp bardy. Ol indi burça gysylman, açyk meýdanda galmagy başardy. Krokslili ussat bolsa, ýaşy we agyr göwresi zerarly ringiň içinde ondan-oňa ylgap-böküp söweşmekden ýadap, dem alşy barha kynlaşyp, ysgyndan gaçyp ugrapdy. Robert garşydaşynyň ýadandygyny aňdy-da, çalasynlyk bilen onuň goranyşyndaky boşluklaryna takyk hem-de yzygiderli urgulary ýagdyryp başlady. Çep gözi güp ýaly çişip, kynlyk bilen görýän garşydaşynyň indi ýüzündenem gan akyp başlapdy.

Tutluşyk uzaga çekdigiçe, mähelläniň arasynda pyşyrdy, dowul hem-de Roberte bolan hormat artýardy. «Ýaş lukman» diýlip kemsidilen ýigidiň abraýly boksça garşy durup, edermenlik bilen gaýtawul berip biljekdigine hiç kim ynanmandy. Sekundantlaryň berýän maslahatlary-da oňa kömek etmeýärdi, ol bar güýjüni jemläp, Roberti ýere ýazmak üçin yzygiderli hüjüme geçýärdi. Soňabaka ol özüne gahar edip, akyl-huşuny ýitirip ugrady. Ýedinji we sekizinji raundlar çydamlylygyň synagyna öwrüldi. Ýigrimi raunda niýetlenen bu tutluşyk barha gyzyp, aýylganç hem ganly söweşe öwrüldi. Robert hem birnäçe agyr urgy aldy, dodagy çapyldy, gözüniň gyrasy ganady, endamyna birnäçe gök düşdi. Emma ol içki erki, polat ýaly çydamlylygy bilen aýak üstünde mertlerçe durmagy başardy. Garşydaşynyň dura-bara ysgyndan gaçýandygyny gören Robert oňa galanja güýjüni-de diňe howa urup tüketmegi üçin maý berdi. Ring indi ýaşaýyş bilen ölümiň arasyndaky söweş meýdanyna öwrülipdi.

Tutluşygyň on bäşinji raundyna geçilende, krokslili ussat öňküsi ýaly çakgan hem berdaşly däldi. Aýaklary sandyrap, haşlap kynlyk bilen dem alýardy, ellikli ellerini zordan göterýärdi. Onuň gözlerinde öňki haýbatdan nam-nyşan galmandy. Robert Montgomeri bolsa üznüksiz türgenleşikleriniň, ýaşlyk çydamlylygynyň we beýik arzuwynyň saýasynda entek hem aýak üstünde durdy. Ol garşydaşynyň halys ýadandygyna, goranyşy gowşadandygyna göz ýetirdi. Bu onuň owalbaşdan sabyr bilen garaşan ýeke-täk, altyn pursadydy. Robert şonda iň soňky, aýgytly hüjümine geçdi. Ol ilki çep eliniň çalt, aldawa salyjy jebi bilen garşydaşynyň ünsüni sowdy. Soňra bolsa bar güýjüni, tutuş arzuw-hyýalyny jemläp, sag eliniň takyk we agyr urgusyny krokslili ussadyň eňeginden inderdi. Bu örän tiz, takyk we jemleýji urgy boldy. Ýanbermez boksçy dessine deňagramlylygyny ýitirdi. Gözleri garaňkyrap, dyzlary gowşan boksçynyň äpet göwresi arkanlygyna, ringiň agaç poluna gürpüldäp gaýtdy. Binanyň içine az salym dym-dyrslyk aralaşdy. Müňlerçe adam gözlerine ynanmaýardy: tutuş şäherçäniň, ringleriň hyýrsyz gahrymany bolan ýanbermez boksçy ýerde ýatyrdy. Emin onuň ýanyna baryp sanap başlady: «Bir, iki, üç... sekiz, dokuz, on! Aut!». Saýlas Kregs ýerinden gozganar ýaly däldi. Bu hakyky nokautdy. Emin Robert Montgomeriniň entek hem sandyraýan elini ýokary galdyrdy-da, ony tutluşygyň ýeňijisi diýip yglan etdi. Şol pursat binanyň içindäki dym-dyrslyk ornuny şowhunly seslere, sykylyklara hem-de gürrüldili el çarpyşmalara berdi. Öň Roberti kemsidenler, şyltak atyp, üstünden gülenler hem indi onuň gaýduwsyzlygyna, erkine, tilsimine we söweşjeň ruhuna haýran galyp, uly hormat bilen alkyşladylar. Olar Roberti götergiläp diýen ýaly ringden alyp çykdylar.

Şeýlelikde, Robert petegiň satuwyndan düşen goşmaça paýyň goşulmagy bilen jemi 190 funt sterling pul baýragyna eýe boldy. Bu pul oňa diňe bir okuwynyň soňky ýyly üçin tölegini tölemäge däl, eýsem, okuwyny doly tamamlansoň geljegini gurmaga hem doly ýardam etjekdi. Ol azatlygyny, abraýyny we geljegini sarsmaz erki hem-de öz elleri bilen gazanypdy. Tutluşykdan soň Robert başyny belent tutup, kalbyndaky çuňňur buýsanç we kanagatlanma duýgusy bilen öz otagyna gitdi. Ol juda ýadaw, bedeni urgulardan ýaňa gök-ala bolsa-da, içki dünýäsinde uly rahatlygy, özüne sarsmaz ynamy duýýardy. Robert durmuşynyň iň uly, iň agyr we töwekgelçilikli synagyndan üstünlikli geçmegi başarypdy. Ol diňe bir tejribeli boksçyny ýeňmän, kynçylyklaryny, umytsyzlygyny, garyplygyny we gorkusyny hem ringde taşlap gaýdypdy.

Birnäçe günden soň Robert Montgomeri hemişe tüssä gaplanyp oturan bu kiçijik senagat şäherçesidir husyt doktor Oldakr bilen hoşlaşyp, okuwyny dowam etdirmek üçin Londona ýola düşdi. Ol bu çola künjekde geçiren agyr günlerini, şol gazaply boks tutluşygyny hem-de öz ýanbermez erki bilen gazanan ýeňşini ömrüniň ahyryna çenli uly buýsanç bilen kalbynda göterip gezdi.

*Terjime eden*
Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**gysga setirlerde**

**Bangladeşiň täze Prezidenti.** Bangladeşiň Parlamenti 20-nji awgustda geçirilen ses berişlikde Mirza Fahrul Yslam Alamgiri



ýurduň Prezidenti wezipesine saýlady. Milli partiýanyň (BNP) dalaşgäri 255 ses alyp, garşydaşy Oli Ahmedden (88 ses) üstün çykdy. Bu wezipe öňki Prezident Mohammad Şahabuddin Çuppunyň saglyk ýagdaýy sebäpli çekilmeginden soň boşap galypdy.

**Rak keseline garşy täze derman.** Hindistanda sagdyn öýjüklere zyýan ýetirmeýän



we adaty himiýaterapiýanyň ornuny tutup biljek «RK-251» atly täze derman serişdesi işlenip düzüldi. Diňe çiş öýjüklerinde işjeňleşýän bu derman häzirlikçe deslapky synag tapgyrynda bolup, hünärmenler onuň howpsuzlygyny we netijeliligini doly öwrenmegi dowam etdirýärler.

**Ýylyň iň ýaraşykly iti.** «Vogue» žurnaly 2026-njy ýylyň iň ýaraşykly iti diýip, italýan



lewretkasy «Jenap Spady» ykrar etdi. «Dogue» bäsleşiginiň finalynda 25 itiň arasyndan saýlanan bu owadan it eminler toparyny surata düşüşi, özboluşly häsiýeti we mähirliligi bilen haýran galdyrdy. Eýesi Amina öz itini hakyky nepisligiň nusgasy diýip atlandyrdy. Netijede, «Jenap Spady» abraýly bäsleşigiň ýeňijisi boldy.

**117 ýaşyny belledi.** 1909-njy ýylyň 21-nji awgustynda doglan britaniýaly zenan Etel



Katerhem 117 ýaşyny belledi. Geçen ýyl dünýäniň iň garry adamy yglan edilip, Patyşa Karl III bilen duşuşan zenan, uzak ýaşamagyň syryny dawalardan gaça durmakda, diňlemekde we halaýan zadyň bilen meşgullanmakda görýär. COVID-19-y hem başdan geçiren zenany bu şatlykly günde maşgala agzalary we dostlary gutladylar.

**Şakira mekdepleri gurar.** Kolumbiýaly aýdymçy Şakira özüniň «Pies Descalzos»



gaznasy we amerikaly haýyr-sahawatçy Howard Baffet bilen bilelikde ýakynda bolup geçen ýertitremede zeper ýeten Kibdo şäherine maliýe ýardamyny berer. Bu serişde şäherde 10 mekdebiň gurluşygyna we uniwersiteti dikeltmäge gönükdiriler. 10-njy awgustda ýurduň günbatarynda bolup geçen 7,4 bal güýjündäki ýertitreme uly weýrançylyklara getirdi.

**Ilaty 86 milliondan geçdi.** Türkiýäniň Statistika institutynyň maglumatlaryna görä, 2026-njy



ýylyň 1-nji iýulynda ýurduň ilaty 86 million 320 müň 602 adama ýetdi. Bu görkeziji ýylyň başyndaky 86 million 92 müň 602 adam bilen deňeşdirende, 228 müň 434 adam köpdür. Ýurduň ilatynyň 50,1 göterimini erkekler, 49,99 göterimini bolsa zenanlar düzýär. Ýaş toparlary boýunça iň uly paý 25-29 ýaş aralygyndaky raýatlara degişlidir.

**«Asman awtobusy» işe girizildi.** Hytaýyň Ýunnan welaýatynda okuwçylar üçin 288 metr beýiklikdäki ikinji aýna lift işe girizildi. «Fuýao basgançagy» atly bu täze desga öňki 3 sagatlyk howply ýoly bary-ýogy 30 minutda geçmäge mümkinçilik berýär. «Asman awtobusy» diýlip atlandyrylýan bu iki lift oba çagalaryna mugt hyzmat edip, sagatda 1200 adamy gatnadýar. Taslama sebitiň syýahatçylyk mümkinçiligini hem giňeldýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1963-nji ýylyň 28-nji awgustynda ABŞ-nyň Sietl we Belwýu şäherlerini birikdirýän taryhy ponton köprüsi açyldy. Uzynlygy 2,5 kilometre barabar bolan bu desganyň könelendigi sebäpli sökülip, 2016-njy ýylda onuň deregine dünýä rekordyna eýe bolan täze ýüzýän köpri guruldy. Häzirki wagtda 520-nji şosse arkaly işleýän bu köpri belli bir kategoriýadaky ulag serişdelerine hyzmat edýär.**



# STRATEGIK HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE TAPGYRY

23-nji awgustda Daşkentde Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň we Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň gatnaşmagynda Ýokary döwletara geňeşiniň üçünji mejlisi geçirildi. Duşuşygyň jemleri boýunça döwlet Baştutanlary tarapyndan Ebedi dostluk hakyndaky taryhy şertnama gol çekildi. Bu resminama iki ýurduň köpugurly hyzmatdaşlygyny täze mazmun bilen baýlaşdyrmaga we uzak möhletli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga hyzmat eder.



Mejlisiň barşynda taraplar özara söwda dolanyşygyny artdyrmak we maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek boýunça giň möçberli maksatlary kesgitlediler. Hususan-da, 2030-njy ýyla çenli ikitaraplaýyn söwda dolanyşygyny 1 milliard amerikan dollaryna ýetirmek esasy wezipe hökmünde kesgitlenildi. Mälim bolşy ýaly, 2025-nji ýylda özara söwda möçberi 795 million dollara ýetip, öňki ýyl bilen deňeşdirilende, epesli artdy. Taraplar şeýle hem energetika, geologiýa, himiýa senagaty, gurluşyk, maliýe sektory we oba hojalygy ulgamlarynda bilelikdäki maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň esasy ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Taraplar Transhazar Halkara ulag geçelgesi (Orta geçelge) boýunça ýük daşalmagyny köpeltmäge we logistika infrastrukturasyny gowulandyrmaga aýratyn üns berdiler. Hazar deňzinde bilelikdäki floty döretmek boýunça işleri işjeňleşdirmek meýilleşdirilýär. Şeýle hem Azerbaýjan, Gazagystan we Özbegistan öz energiýa ulgamlaryny birikdirmek hem-de dikeldilýän energiýa çeşmelerinden öndürilýän arassa elektrik energiýasyny Hazar deňziniň üsti bilen Azerbaýjana, ondan soňra bolsa Ýewropa bazarlaryna ibermek üçin «ýaşyl» energetika geçelgesini döretmek ugrunda bilelikde işleýärler.

Saparyň çäklerinde Medeniýet, Syýahatçylyk, Daşary işler we Adalat ministrlikleriniň arasyndaky hyzmatdaşlyk, şeýle-de şäherleri doganlaşdyrmak boýunça birnäçe möhüm ylalaşyklara gol çekildi. Hususan-da, FIFA-nyň 2025-nji ýyldaky kararyna laýyklykda, 2027-nji ýylda futbol boýunça ýaşlaryň arasyndaky (U-20) Dünýä çempionatyny Özbegistan bilen Azerbaýjanyň bilelikde geçirmegi ýurtlaryň sport pudagyndaky hyzmatdaşlygynyň aýdyň subutnamasy boldy. Şeýle hem Täze Daşkent şäherinde Nyzamy adyndaky Milli pedagogik uniwersitetiniň täze kampusynyň açylmagy we Azerbaýjan seýilgähiniň düýbüniň tutulmagy iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň täze tapgyryny görkezýär.

# Ses berişligiň Lideri belli boldy

21-nji awgustda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary wezipesine saýlawlaryň çäginde geçirilen ikinji deslapky ses berişligiň netijelerine laýyklykda, Gaýananyň wekili Kerolin Rodriges-Birkett bäsdeşlerinden öňe geçip, guramanyň agzalaryndan iň köp goldawy gazandy. Howpsuzlyk Geňeşiniň ýapyk ýagdaýda geçiren bu ses berişliginde onuň bu wezipäni eýelemegini goldap 8 agza çykyş eden bolsa, 3 agza garşy çykdy we 4 agza saklandy.

Şeýle hem BMG-niň Söwda we ösüş konferensiýasynyň (ÝUNKTAD) Baş sekretary Rebeka Grinspan hem-de Halkara atom energiýasy agentliginiň (MAGATE) ýolbaşçysy Rafael Grossi 7 goldaw sesini aldylar. Sanawda bu liderlerden soňra Senegalyň öňki Prezidenti Maki Sal, ugandaly syýasatçy Olara Otunnu, ekwadorly syýasy işgär Mariýa Fernanda Espinosa Garses we Çiliniň öňki Prezidenti Mişel Baçelet ýerleşdiler.

Bu deslapky ses berişlikler Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalary tarapyndan gizlin býulletenler arkaly amala aşyrylýar. Diplomatik çeşmeleriň belleýşi ýaly, bu saýlaw tapgyry geljekki ýolbaşçyny saýlamak ugrundaky bäsleşigiň esasy ugurlaryny we bäsdeşleriň arasyndaky güýçleriň deňagramlylygyny açyp görkezmäge mümkinçilik berýär. Bu ýapyk ses berişlikler arkaly agza döwletler öz garaýyşlaryny we baha berişlerini gizlin ýagdaýda beýan edýärler.



Halkara synçylaryň belleýşi ýaly, Baş sekretary saýlamak ugrundaky bäsleşik barha gyzgalaňly ýagdaýda dowam edýär. BMG-niň häzirki Baş sekretary Antoniu Guterrişiň ikinji we soňky ygtyýarlyk möhletiniň şu ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýandygy sebäpli, gurama täze ýolbaşçyny saýlamak ugrundaky taýýarlyk işlerini dowam etdirýär.

# Kongresdäki ilkinji owgan syýasatçy

Kaliforniýa ştatynda geçirilen nobatdan daşary saýlawlaryň netijesinde, Aýşa Wahab ABŞ-nyň Kongresine saýlanan asly owgan



bolan ilkinji syýasatçy hökmünde taryha girdi. Ol bäsleşikde garşydaşy Melissa Ernandesi ýeňlişe sezewar edip, ýanwar aýyna çenli Wekiller palatasynda Kaliforniýa ştatynyň 14-nji saýlaw okrugyndan wekilçilik eder. Bu möhüm waka öňki wekil Erik Suollweliň wezipesinden çekilmegi bilen baglanyşykly ýüze çykdy.

Saýlawda ýeňiş gazanandan soň çykyş eden Aýşa Wahab çagalar öýünden Kongrese çenli geçen ýolunyň amerikan arzuwynyň hakykatdygyny subut edýändigini belläp, özüni ýetişdiren bu okrugyň bähbitleri ugrunda yzygiderli göreşjekdigini mälim etdi. Aýşa Wahab we Melissa Ernandes 14-nji okrugyň iki ýyllyk möhletli wekilini saýlamak maksady bilen, noýabr aýyndaky esasy saýlawlarda ýene-de birek-birege garşy bäsleşer.

1987-nji ýylda Nýu-Ýork ştatynyň Kuins şäherinde Owganystandan gelen bosgunlaryň maşgalasynda dünýä inen Aýşa Wahab çagalyk ýyllarynda dürli kynçylyklary başdan geçirýär. Ene-atasynyň aradan çykmagy sebäpli ýetim galan Aýşany Kaliforniýa ştatynyň Frimont şäherinde ýaşaýan owgan maşgalasy öz howandarlygyna alyp terbiýeleýär. Aýşa San-Hose uniwersitetiniň syýasat ylymlary fakultetini tamamlandan soň syýasy ýola gadam basýar.

# COP 17 SAMMITI TAMAMLANDY

Ulan-Batorda BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça konwensiýasynyň gatnaşyjylarynyň maslahatynyň 17-nji sessiýasy (COP17) ýokary guramaçylykly geçirilip, netijeli ylalaşyklar bilen tamamlandy. 17-nji awgustda başlanan we 12 günüň dowamynda «Ýerleri dikeldýäris, umydy janlandyrýarys» diýen baş şygar astynda guralan giň gerimli halkara forum dünýä ýurtlarynyň topragyň hilini ýokarlandyrmak, gurakçylyga hem-de çölleşmä garşy göreşmek, şeýle hem ýeri durnukly dolandyrmak boýunça bilelikdäki tagallalaryny birleşdirdi.




Halkara maslahatda topragyň degradasiýasynyň ählumumy azyk howpsuzlygyna, suw üpjünçiligine we ilatyň ýaşaýyş-durmuş çeşmelerine edýän täsirleri giňden ara alnyp maslahatlaşyldy. Ministrler derejesindäki duşuşyklarda, köptaraplaýyn forumlarda hem-de ylym bilen syýasaty utgaşdyrmaga bagyşlanan ýörite sessiýalarda 2030-njy ýyla çenli ýer degradasiýasynyň bitaraplygyna ýetmek ugrunda möhüm ädimler ädildi. BMG tarapyndan yglan edilen «Halkara öri meýdanlary we çarwa maldarçylygy ýylynyň» çäklerinde guralan sammitde ekoulgamlary dikeltmek, maliýeleşdirmek üçin täze çeşmeleri tapmak we ýer eýeçiliginiň netijeli ulgamlaryny kämilleşdirmek boýunça anyk çäreler kesgitlenildi.

Konwensiýa agza 197 ýurtdan, şol sanda Ýewropa Bileleşiginin wekillerinden ybarat köp sanly wekiliýetiň gatnaşmagynda geçen duşuşykda Mongolýanyň «Milliard agaç» milli hereketi, «Suw – Ýer» sebit hyzmatdaşlygy we «Sähra gün tertibi» ýaly ekologik başlangyçlar dünýä jemgyýetçiliginiň goldawyna eýe boldy. Şeýle hem, forumyň çäklerinde kabul edilen Ulan-Bator jarnamasy ýerli dolandyryş edaralarynyň we ýerli jemgyýetleriň çölleşmä garşy göreşde goşant goşmagyny üpjün eder. Forumyň açylyş dabarasynda milli medeniýetiň gadymy däpleri taryhy tanslar we sungat çykyşlary arkaly giňden wasp edildi, bu bolsa ýurtlaryň medeni mirasynyň tebigaty goramakdaky ähmiýetini ýene bir gezek tassyklady.

Sammitiň dowamynda raýat jemgyýetiniň wekilleriniň we çarwa jemgyýetleriniň bähbitlerini goramaga gönükdirilen çykyşlar hem üns merkezinde boldy. Olar däbe öwrülen bilimleriň we ýerli tejribeleriň ekologik deňagramlylygy saklamakda möhüm ornuny belläp, bu ugurda döwletleriň we halkara guramalaryň bilelikde hereket etmelidigini öňe sürdüler.

Şu gün resmi ýagdaýda tamamlanan bu taryhy ähmiýetli duşuşyk adamzadyň durnukly geljegini, ýer ätiýaçlyklaryny gorap saklamagy we tebigatyň ekologik abadançylygyny üpjün etmekde täze sepgitleri açýan möhüm kararlaryň kabul edilmegi bilen taryha girdi.



# Kitlere bagyşlanan muzeý

Norwegiýanyň Andenes obasynda 2027-nji ýylyň iýun aýynda açylmagy meýilleşdirilýän täze «The Whale» (Kit) atly tebigy-taryhy muzeý ýurduň demirgazyk kenarýakasynyň esasy syýahatçylyk merkezine öwrüler. Daniýaly binagär Dorte Mandrup tarapyndan taslanan we daş-töwerekdäki tebigy landşafta kemsiz laýyk gelýän bu täsin binanyň üstüne çykyp, Atlantik ummanynyň we daglyklaryň haýran galdyryjy giňişliklerine syn etmek bolar. Petekleriň satuwyna şu ýylyň güýzünde başlanmagyna garaşylýar, onuň ulular üçin bahasy 540 norweg kronuna deň (takmynan, 49 ýewro) bolar.

Dünýäniň iň uly süýdemdirijilerine bagyşlanan bu desgada ylym, sungat we binagärlik özara utgaşdyrylyp, sergi ýerleri dürli täsir ediji zolaklara bölündi. Muzeýde deňiz süýdemdirijileriniň tebigy ululykdaky agaç heýkelleri, dünýädäki kitleriň 90 görnüşini öz içine alýan galereýa, olaryň anatomiýasyny öwrenmäge niýetlenen bölümler hem-de umman çuňlugyny janlandyrýan ses we ýagtylyk gurşawy döredildi. Şeýle hem ýörite sergilerde bu jandarlar bilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar, senagat derejesindäki awçylygyň ýetirýän zyýany we oňa garşy göreş çäreleri giňden beýan edilýär.

Syýahatçylar muzeýe baryp görmek bilen çäklenmän, eýsem, Polýar tegeleginden 300 kilometr demirgazykda ýerleşýän bu sebitde öz bilimlerini tejribede synagdan geçirip bilerler. Andenes obasy ýylyň dowamynda kitleri synlamak üçin iň amatly ýerleriň biri bolup, «M/S Reine» gämisinde guralýan 3-4 sagatlyk ýörite gezelençleriň bahasy 1690 norweg kronuna (takmynan, 154 ýewro) barabardyr. Mundan başga-da, bu ýerde kenarýaka tebigy gözelliklerden lezzet alyp, Roýken dagynyň töweregindäki ýol arkaly pyýada gezip ýa-da Moltinden dagyna çykyp bolýar. Şeýle hem syýahatçylar özboluşly milli tagamlary hödürleýän «Arresten» restoranyna baryp bilerler.





# Saýlawlaryň netijeleri jemlendi

Gazagystanyň Merkezi saýlaw toparynyň başlygy Nurlan Abdirow Astanada geçirilen brifingde 23-nji awgustda Gazagystanyň Gurultaýyna geçirilen saýlawlaryň deslapky netijelerini mälim etdi.

Onuň beren maglumatyna görä, ýurtda ses bermäge 12 million 623 müň 289 adam hukukly bolup, olaryň 9 müň 865-si daşary ýurtlarda ýaşaýar. Saýlawlara 9 million 351 müň 539 adam gatnaşdy we deslapky gatnaşyk 74,08% boldy.

Deslapky netijelere görä, saýlawlara gatnaşan ýedi syýasy partiýanyň arasyndan 71,17% ses alan «Adilet» (Adalat) partiýasy ynamly ýeňiş gazandy. «Auyl» partiýasy 6,26% bilen ikinji, «Respublika» partiýasy 5,56% bilen üçünji ýeri eýeledi. Şeýle hem «Ak jol» demokratik partiýasy 5,21%, Milli sosial-demokratik partiýasy (OSDP) 5,11%, Gazagystanyň Halk partiýasy 3,11% we Gazagystanyň «Baýtak» ýaşyllar partiýasy 1,07% ses aldy. Hemmä garşy ses beren saýlawçylaryň paýy 2,51% boldy.

Saýlawlara gatnaşan ýedi partiýadan bäşisi



bäş göterimlik bökdençligi ýeňip geçip, Gazagystanyň bir palataly Gurultaýynda wekilçilik etmek hukugyny gazandylar. 145 orunlyk Gurultaýda «Adilet» hökümet partiýasy, «Auyl», «Respublika», «Ak jol» demokratik partiýasy we Milli sosial-demokratik partiýasy (OSDP) wekilçilik eder.

# Megapolisleriň sany artýar

Bütin dünýäde ilaty 10 milliondan geçýän megapolisleriň sany 1975-2025-nji ýyllar aralygyndaky ýarym asyryň dowamynda 8-den 33-e çenli artdy we häzirki wagtda planetanyň ilatynyň tas 8 göterimi şeýle ägirt uly aglomerasiýalarda jemlendi. BMG-niň maglumatlaryna görä, 1975-nji ýylda diňe Tokio, Osaka, Nýu-Ýork, Mehiko, San-Paulu, Kalkutta, Seul we Jakarta şäherleri şeýle derejä eýe bolan bolsa, häzirki wagtda bu sanaw Deli, Dakka, Şanhaý, Guançžou, Kair, Manila, Karaçi, Mumbaý, Lagos we Kinşasa ýaly onlarça Aziýa hem-de Afrika şäherleri bilen baýlaşdy.

Şäher durmuşynyň merkezi Ýewropadan we Demirgazyk Amerikadan doly diýen ýaly daşlaşyp, häzirki 33 megapolisiň 19-y Aziýada, 5-si Latyn Amerikasynda, 4-si Afrikada ýerleşýär, Ýewropada bolsa diňe Moskwa we London doly orun aldy, Stambul bolsa iki yklymyň serhedinde ýerleşýär. Adamlaryň oba ýerlerinden şäherlere iş, ýokary hilli lukmançylyk we bilim üçin köpçülikleýin göçmegi bu prosesiň esasy sebäbi bolup durýar.

Şunuň bilen birlikde, iň uly megapolisleriň sanawy hem üýtgedi: Ýaponiýanyň ilatynyň gartaşmagy sebäpli öňdebaryjylygyny ýitiren Tokionyň ornuny Indoneziýanyň ilaty 42 milliona golaýlan paýtagty Jakarta we 37 million töweregi ýaşaýjysy bolan Bangladeşiň paýtagty Dakka eýeledi, olaryň yzyndan Deli hem-de Mumbaý gelýär, Nýu-Ýork bolsa hatda ilkinji onluga-da girip bilmedi.



BMG-niň bilermenleriniň çaklamagyna görä, bu proses dowam edip, ýakyn onýyllyklarda Kuala-Lumpur, Addis-Abeba we Dar-es-Salam şäherleriniň hem goşulmagy bilen megapolisleriň sany 37-ä ýeter, şeýle hem Bangladeşiň paýtagty Dakkanyň ilat sany 52 milliona çenli artyp, Ýer ýüzüniň iň gür ilatly ýerine öwrülmegi mümkin.




# MONUMENT JÜLGESI

**Monument jülgesi iň owadan ýerleriň sanawynda öňdäki orny eýeleýär. 1930-njy ýyllardan bäri metbugat neşirlerinde we filmlerde suratlandyrylýan sarymtyl-gyzgylt gaýalar ABŞ-nyň Arizona ştatynyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýär. «Gaýalaryň jülgesi» diýlip atlandyrylýan bu sebit nawaho halky, ýagny ýerli amerikan halky tarapyndan mukaddes ýer hasaplanýar. Amerikanyň günbataryndaky iň owadan gözellik bolan Monument jülgesi Kolorado platosynyň bir bölegidir. Deňiz derejesinden 1500-1800 metr beýiklikde ýerleşýän jülgede açyk gyzyl reňkli derýa çökündisinden emele gelen üç gatlakly dag jynslary Günüň şöhlesine ýalpyldap, owadan peýzažy emele getirýär. Bu ýerdäki ýadygärliklere Günbatar we Gündogar Mitten depeleri, Merrik depesi, Hants üsti tekiz depesi, Bürgüt üsti tekiz depesi, Sentinen üsti tekiz depesi, Brigams Tom, Kastl Rok, Uly Hindi, Ýagyş Hudaýynyň üsti tekiz depesi, Spirhed üsti tekiz depesi, Mitçell depesi, Pil depesi, Düýe depesi, Klaý depesi ýaly gaýalar girýär. Jülgede «Günüň gözi» diýlip atlandyrylýan gowaga meňzeş gaýalar hem bar.**



**1776-njy ýylda ispan syýahatçylarynyň bu sebite gelmegi bilen, Monument jülgesi köpçülige mälim edilýär. 1920-nji ýylda jülgede söwda nokady açylýar. Ýerli ilat bu ýerden azyk önümlerini we beýleki harytlary satyn alyp başlaýar. 1939-njy ýylda gaýalaryň arasynda «Diližans» (Stagecoach) filminiň surata düşürilmegi bilen, bu sebit sansyz mahabatlaryň hem-de aýdym-saz wideolarynyň dörän ýerine öwrülýär. 1958-nji ýylda Monument jülgesinde seýilgäh döredilip, syýahatçylyk ösüp başlaýar.**

**Başgaça «ýadygärlik jülgesi» diýilýän Monument jülgesine 163-nji awtoulag ýoly arkaly baryp bolýar. Köplenç amerikan filmlerinde bu jülgäniň üstünden awtoulagly geçilip gidilýän sahnalar görkezilýär. Jülgäniň iň meşhur gaýalarynyň biri «Meksikan şlýapasy» bolup, depäniň üstünde şlýapa meňzeş uly daş böleginiň ýykylman saklanyp durmagy görenleri haýran galdyrýar.**

**Alymlaryň bellemegine görä, Monument jülgesindäki gaýalar 300 million ýyl mundan ozal derýanyň guramagy we çäge gatlaklarynyň dag jynsyna öwrülmegi netijesinde emele gelipdir. Owadan gaýalaryň döremeginde ýeliň, buzuň we güýçli ýagşyň hem täsiri bar. Gurak ýerde ýerleşýän Monument jülgesinde howanyň temperaturasy tomsuna aşa yssy, gyşyna örän sowuk bolýar. Gaýalaryň jülgesine her ýyl 400 müňden gowrak syýahatçy barýar.**

# MAWRIKIÝ ADASYNA SYÝAHAT

«Jennet adasy» hökmünde tanalýan Mawrikiý ak çägeli kenarlary, çüýşe ýaly göm-gök suwy, daglaryň arasynda gizlenen gowaklary hem-de ýaşyl tebigaty bilen görenleri haýran galdyrýar. «Tebigatyň iň gowy sungat eseri» bolan bu ada Hindi ummanynyň merkezinde ýerleşýär. 2 müň 40 inedördül kilometr meýdany tutýan ada ýurdunda 1 milliondan gowrak ilat ýaşaýar. Mawrikiý adasynda 1 şäher, 4 şäherçe we 130 oba bar. Her ýyl müňlerçe syýahatçyny özüne çekýän Mawrikiý tutýan meýdanynyň kiçidigine garamazdan, myhmanlara täsin tropik gurşawy hödürleýär.

Mawrikiniň gözel ýerleriniň sanawynda, ilki bilen, taryhy binalara baý paýtagt şäher Port-Luis gelýär. Adyndan hem belli bolşy ýaly, Port-Luis ýurduň port şäheridir. Syýahatçylyk gämileri (kruiz) we ada barýan jahankeşdeler üçin bu şäher derweze bolup hyzmat edýär. Kenarýaka şäheriň ilatynyň esasy käri telekeçilik bolup, köçelerde gije-gündiziň dowamynda hereket ýatmaýar. Port-Luise baran syýahatçylar şäherde köpdürli medeniýetiň täsiriniň bardygyna göz ýetirýärler. Bu ýerde söwda merkezleri, restoranlar we bazarlar bilen bir hatarda, fransuzlaryň kolonial binalaryny, iňlisleriň Sent Jeýms köşk toplumyna meňzeş galalaryny görmek bolýar. Hatda paýtagt şäherde Hytaý medeniýetiniň täsiri hem göze ilýär. Syýahatçylar şäherdäki Hytaý miras muzeýine baranlarynda, özlerini Hytaýda ýaly duýýarlar. Mawrikiniň paýtagtyndaky köp sanly muzeýleriň arasynda Ewrika öýi aýratyn orny eýeleýär. 1830-njy ýylda ada gelen aristokratlar üçin gurlan bu bina dolulygyna agaçdan ýasalypdyr. Howlusynda owadan baglary, miweli agaçlary, derýalary we kiçijik şaglawuklary bolan Ewrika öýi häzirki wagtda muzeý hökmünde saklanýar.

Mawrikiniň iň uly syýahatçylyk merkezleriniň ýene biri Grand Beý bolup, ýurduň owadan ýerleriniň köpüsi şu ýerde ýerleşýär. «Uly aýlag» diýmegi aňladýan bu oba adyndan belli bolşy ýaly, deňziň kenarynda ýerleşýär. Obada dynç alyş merkezlerinden başlap, willalara we myhmanhanalara çenli, birnäçe syýahatçylyk merkezleri bar. Bu aýlag owadan kenarlary, suwasty gezelençleri, kaşaň restoranlary, kafeleri we güýmenje merkezleri bilen janly we joşgunly dynç alşy hödürleýär.

Mawrikiý ada ýurduny köpler meşhur «deňze akýan şaglawuk» arkaly tanaýarlar. Le-Morn-Braban ýarym adasynyň golaýynda ýerleşýän suwasty şaglawuk täsin tebigy hadysalaryň biri hasaplanýar. Deňziň içindäki şaglawugy diňe ýokardan dikuçarly synlamak arkaly görüp bolýar. Suwasty 150 metr çuňluga akýan şaglawugy gaýykly ýüzüp barýarkaň saýgaryp bolmaýar. Le-Morn-Braban ýarym adasynda daglaryň ýerleşişi hem dürli-dürli bolup, içinde köp sanly tebigy gowaklar gizlenen. Şeýle daglaryň biri hem taryhy taýdan uly ähmiýete eýe bolan Lemorn Brabantdyr. Beýikligi 556 metre ýetýän bazalt dag ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen täsin ýerleriň biridir.











Mawrikiý adasyna göçüp baran hindileriň mukaddes ýer hasaplaýan Gran-Bassen kölüniň rowaýatlarda Gang derýasyndan gelip çykandygy aýdylýar. Gran-Bassen kölüniň gyrasynda 33 metr beýiklikdäki Şiwa heýkeli hem ybadathanalar bilen birlikde Hindistany ýadyňa salýar. Kölüň kenarynda ýalaňaç aýakly ýöremek ýörgünli däpleriň biridir.

«Jennet adasynyň» demirgazygynda köp sanly gämileriň batmagyna sebäp bolan gaýaly kenar ýerleşýär. «Betbagtçylyk burny» (Cap Malheureux) diýlip atlandyrylýan syýahatçylyk merkezi häzirki wagtda gyzyl üçekli Notr-Dam-Oksiliatris ybadathanasy bilen meşhurdyr.

Mawrikiniň günortasynda ýerleşýän Suilýak ada ýurdunyň taryhy merkezleriniň biridir. Şekerçiňrik ýüklenen gämileriň ýuggyýuggydan gelýän bu portunda meşhur şahyr Robert-Edward Hartyň öýi La Nefi görmek bolýar. Häzir muzeý hökmünde hyzmat edýän La Nef öýi, Roçester şaglawugy, Sawan derýasy we Gri-Gri uçudy hökman görülmeli ýerlerdir.

Bel Ombr obasyndan daglara tarap uzalyp gidýän Frederika tebigy goraghanasynyň çäginde ýurduň iň uly şaglawugy ýerleşýär. Adanyň biodürlüligini goramak maksady bilen döredilen ýörite sebitde endemik ösümlikler we haýwanlar ýaşaýar. Welosipedli ýa-da ýolsuz ýerden ýöreýän ulaglar arkaly baryp bolýan bu goraghana tebigaty synlamak üçin ajaýyp ýerleriň biridir. Ada ýurdundaky başga bir jülgede La-Walle-de-Ferni haýwanat bagy ýerleşýär. Syýahatçylar bu haýwanat bagyna hökman barýarlar.

Mawrikiniň tebigy täsinlikleriniň ýene-de biri Blek-Riwer, ýagny Gara derýa diýlip atlandyrylýan milli seýilgähidir. Owadan jülgeleriň arasyndan akýan Gara derýanyň ugrunda birnäçe şaglawuk bar. Daga dyrmaşmagy, gaýykly gezelençleri we kanoede ýüzmegi halaýanlaryň iň köp barýan bu ýerine ýerli halk tarapyndan «Gara derýa jülgeleri milli seýilgähi» diýlip at berildi.

Mawrikiniň medeniýeti ýaly, milli aşhanasy hem köpdürlüdir. Ýerli önümlerden taýýarlanylýan köçe tagamlary adanyň iň gowy naharlary hasaplanýar. Bu ýerde syýahatçylara karri, pita çöregi, roti we gateau ýaly tagamlar hödür edilýär. Adada ajy hem-de hindi we hytaý aşhanasyna mahsus tagamlar has köp iýilýär. Ada ýurdunda baýramçylyklar we festiwallar hem ýokary derejede geçirilýär. Her ýylyň fewral aýynda Maha Şiwaratri festiwalynyň çäginde 250 müňden gowrak hindi jahankeşdeleri Mawrikiý adasynda jemlenýär. Adada iýmit we tans festiwallary hem guralýar.

# INJIRIŇ SAGLYGA PEÝDASY

**Injir iýmit sanawyna goşulmaly miweleriň biridir. Özboluşly tagama eýe bolan süýnmek miwäniň ata Watany Ýakyn Gündogar we Ortaýer deňzi sebitleri hasaplanýar. Injiriň gara, gyzgylt, sary, ýaşyl we gülgün reňkli görnüşleri bolup, esasan, terligine we guradylan görnüşde iýilýär. Şeýle hem miweden jem we mürepbe taýýarlanylýar. Dünýäde injiriň 750-den gowrak sorty ösdürilip ýetişdirilýär. Baldagynda we gabygynda süýde meňzeş ak şepbigi bolan injiriň etli böleginde bir topar dänesi bolýar. Iýeniňde gyjyr-gyjyr ses edýän bu miwäniň düzüminde A, B, K witaminleri, kalsiý, magniý, kaliý, fosfor, demir ýaly minerallar, antioksidantlar we süýüm saklanýar.**

**Immuniteti berkidýär.** Injirde saklanýan B witamini we peýdaly minerallar immuniteti berkidip, bedeniň kesellere garşy göreşijilik ukybyny güýçlendirýär.

**Ýürek-damar ulgamy üçin peýdaly.** Injirde saklanýan kaliý ýokary gan basyşyny peseldip, ýürek-damar ulgamynyň kadaly işlemegine kömek edýär. Şeýle hem miwäniň düzümindäki süýüm holesterin molekulalaryna ýapyşyp, olaryň gana siňmeginiň öňüni alýar. Bu bolsa ýürek-damar keselleriniň töwekgelçiligini azaldýar.

**Iýmit siňdirişe peýdaly.** Injiriň süýtli şiresinde «fisin» atly fermentler saklanýar. Bu tebigy madda iýmit siňdirişe ýardam edip, içgatamanyň öňüni alýar. Şeýle hem miwedäki süýüm aşgazan-içege ulgamynyň işini ýeňilleşdirip, aşgazan ýarasyny hem-de içege sowuklamasyny bejermäge ýardam edýär.

**Saçy we derini gözelleşdirýär.** Injirdäki karotenoidler we antioksidantlar derini Gün şöhlesiniň zyýanly täsirinden gorap, bedeniň çeýe hem-de ýaş görünmegine ýardam edýär. Şeýle hem saçyň düşmeginiň öňüni alýar.

**Böwrek üçin peýdaly.** Injirdäki kaliý ýürek-damar ulgamy bilen birlikde böwrek üçin hem peýdalydyr. Injir artykmaç galyndylary bedenden çykarmaga, böwregi arassalamaga hem-de gan basyşyny kadaly derejede saklamaga ýardam edýär.



**Howply döremeleriň öňüni alýar.** Injiriň düzüminde adamy stresden we zyýanly erkin radikallardan goraýan antioksidantlar hem-de fenol birleşmeleri saklanýar. Bu maddalar düwnük keseliniň döremeginiň öňüni almaga kömek edýär.

**Süňkleri berkidýär.** Injirdäki K witamini we kalsiý süňkleriň sagdyn ösmegine we berkemegine ýardam edýär.

**Ganazlygyň öňüni alýar.** Injirde gyzyl gan öýjükleriniň öndürilmegi üçin möhüm bolan demir saklanýar. Terligine ýa-da guradylandygyna garamazdan, yzygiderli injir iýmek ganazlygyň öňüni almaga ýardam berýär.



Möwsüme görä, sagdyn adamlar üçin her gün 3-5 sany (100-150 gram) täze injir, şeýle hem 2-3 sany guradylan injir iýmek ýeterlikdir. Hünärmenler guradylan injiri iýmezden ozal 10-15 minut ýyly suwda goýmagy we ýumşandan soň iýmegi maslahat berýärler. Geçirilen barlaglarda injirdäki glýukozanyň gandaky şekere täsir edijiliginiň pesdigi ýüze çykaryldy. Şol sebäpli süýjüli diabeti bar bolan adamlar hem täze ýolnan injirden iýip bilerler.

# Hindi kinolaryndaky aýdymlaryň awtory



**Hindi medeniýetini we sungatyny özboluşly beýan edýän «Bolliwudyň» kinolarynyň muşdaklarynyň sany az däl. «Bolliwudyň» filmleriniň esasy temasy söýgi we maşgala gymmatlygy bolup, duýguly sahnalara we dartgynly wakalara baýdygy bilen tapawutlanýar. «Bolliwud» diýlende, ilki bilen, tans we aýdym-saz göz öňüňe gelýär. Hindi kinolarynda ýerine ýetirilýän romantik aýdymlary aktrisa ýa-da artistiň özi ýerine ýetirýän ýaly görünse-de, olar aýdymçylar tarapyndan ýerine ýetirilýär. Şeýle sungat ussatlarynyň biri hem Udit Naraýandyr.**

Hindi kinolarynyň köpüsiniň sazyny ýazyp, aýdymyny ýerine ýetiren ussat aýdymçy Udit Naraýan sungata uly goşant goşan şahsyýetleriň biri hasaplanýar. Hindi, telugu, kannada, tamil, bengal, sindhi, nepal, assam we maitili ýaly birnäçe dilde aýdymlary ýerine ýetiren U.Naraýan Ja 1955-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Bihar ştatynyň Baisi obasynda dünýä inýär. Zehinli aýdymçynyň kakasy Herekrişna Janyň asly nepally bolup, daýhançylyk bilen meşgullanypdyr. Ejesi Bhuwaneşwari Dewi asly hindistanly bolup, döwrüniň iň meşhur aýdymçylarynyň biri hasaplanypdyr. Naraýan Hindistanyň Bihar ştatynyň Supaul şäherinde orta mekdebi tamamlap, Nepalyň Katmandu şäherindäki Tribhuwana uniwersitetinde bilim alýar. Çagalykdan ejesiniň goldawy bilen aýdyma höwesli bolan Naraýan 1970-nji ýylda Nepalyň radioýaýlymynda halk we häzirki zaman aýdymlaryny ýerine ýetirip başlaýar. 1978-nji ýylda Hindistanyň Mumbaý şäherine göçüp gaýtmagy bilen ýaş zehiniň aýdym-saz karýerasy ösüp başlaýar. Naraýan Mumbaýda aýdym aýtmagy kämil derejede öwrenip, professional karýera ýetýär. Ol hindi dilinde ilkinji gezek «Unis-Bis» (1980 ý.) filminde Mohammed Rafi bilen bilelikde aýdym aýdýar. Soňra «Qayamat Se Qayamat Tak» (1988 ý.) filminde «Papa Kehte Hain» aýdymyny ýerine ýetirip, Hindistanda meşhur bolýar we ilkinji «Filmfare» baýragyny gazanýar.



1980-2000-nji ýyllar aralygynda Amitabh Baççanyň, Aamir Hanyň, Şahruh Hanyň, Salman Hanyň, Akşaý Kumaryň we Ajaý Dewganyň dürli keşplerdäki aýdymyny ýerine ýetiren Udit Naraýan 25 müňden gowrak aýdymyň awtorydyr. Hindi-nepal aýdymçysy, aktýory, telealypbaryjysy we prodýuseri U.Naraýan 4 gezek «National Awards», 5 sapar hem «Filmfare» baýraklaryny gazanýar. Galyberse-de, ol «Padma Şri» we «Padma Bhuşan» ýaly döwlet baýraklarynyň hem eýesidir. Oňa hindi aýdym-saz sungatyna goşan goşandy üçin Lata Mangeşkar tarapyndan «Playback Singing Prince» (hindi kinolaryndaky aýdymlary aýtmagyň şazadasy) ady berilýär. Häzirki wagtda 70 ýaşly aýdymçy ogly Aditýa Naraýan bilen bilelikde Hindistanyň dürli şäherlerinde janly sesde konsertleri guraýar.

# Iň meşhur açylyp-ýapylýan köpri

**Köprüleriň gurluşygy has irki ýyllardan gözbaş alýar. Neolit döwründe Angliýanyň çäginde ýaşan adamlar batgalykdan geçmek üçin uzyn agaç köprüleri gurupdyrlar. Insiz agaç köpri diňe bir adamyň geçmegine mümkinçilik beripdir. Birnäçe pyýadanyň ýa-da at arabasynyň geçmegine mümkinçilik berýän iň gadymy agaç köpri Şweýsariýada Sýurih kölüniň üstünde gurulýar. Rim imperiýasy döwründe köprüleriň gurluşygy ösüp, ini 6 metre ýetýän uly agaç köprüler gurlup başlanýar. Biziň eýýamymyzdan öňki XIII asyra degişli Arkadiko köprüsi iň gadymy daş köpri hasaplanýar. 1779-njy ýylda Angliýanyň Şropşir şäherinde gurlan, Sewern derýasyny kesip geçýän aýlawly köpri dünýädäki ilkinji demir köpri hasaplanýar. Demir köprüleriň gurlup başlanmagy bilen, bu desgalaryň açylyp-ýapylýan, asma görnüşleri peýda bolýar.**

Dünýädäki iň meşhur açylyp-ýapylýan köpri Londonda gurulýar. Şähere meşhurlyk getiren nyşanlarynyň biri bolan Tauer köprüsi Temza derýasynyň gündogar akymynda ýerleşýär. 1894-nji ýylda Tauer köprüsiniň açylmagy bilen, pyýadalara we awtoulaglara Temza derýasynyň üstünden geçmäge mümkinçilik döreýär. Gurluşygy 8 ýyl dowam eden bu köpriniň uzynlygy 244 metr bolup, syýahatçylaryň iň köp surata düşýän ýerleriniň biridir.

1800-nji ýyllarda Londonda köprüleriň sany artyp başlaýar. Şeýlelikde, 1877-nji ýylda köprüleriň gurluşygy boýunça edara döredilip, 50-den gowrak arhitektor we inžener işe kabul edilýär. 1884-nji ýylda iňlis arhitektory Ser Horas Jonsuň hödürlän taslamasy esasynda 1886-njy ýylda Tauer köprüsiniň gurluşyk işlerine başlanýar. Iki sany uly diňden (minara) ybarat köpriniň



gurluşyk işleri 1894-nji ýylda tamamlanýar. Tauer köprüsiniň gurluşygynda 12 müň tonna polat, 1200 tonna demir ulanylyp, portland daşy we korniş graniti bilen bezelýär. Derýadaky gämi gatnawyna päsgel bermezlik üçin Tauer köprüsi açylyp-ýapylýan (leňňer) görnüşde gurulýar. 61 metr aralykda deň ikä bölünip, açylyp-ýapylýan köpri iki minaranyň merkezinde ýerleşýär. Leňňer köprini herekete getirmek üçin elektrogidrawlik ulgam ulanylýar. Hersiniň agramy 1 müň tonnadan gowrak bolan leňňerler 5 minutyň dowamynda 86 dereјä çenli ýokary göterilýär. Köprüde iki sany döwrebap dolandyryş kabinasy bolup, olaryň birinjisi gündogarda, ikinjisi günbatar tarapda ýerleşýär. Gämi gatnawynyň ugruna baglylykda, kabinadaky gözegçi köprini açyp ýapýar.

Tauer köprüsi London şäheriniň iki tarapyny birleşdirýän iň esasy ýollaryň biri bolup, awtoulag ýoly bilen bir hatarda, pyýadalar üçin ikitaraplaýyn ýoda hem bar. Şeýle hem «ekiz diňleri» birleşdirýän, daşy metal bilen örtülen iki ugurly aýna geçelgeler bolup, syýahatçylar lift arkaly ýokary galyp, bu ýerden şäheri synlap bilýärler. Beýikligi 65 metr bolan Tauer köprüsinde dynç alynýan binalar, şeýle hem balyk we çipsi taýýarlanylýan restoranlar bar. Minaralaryň aşaky böleginde sergi zallary bolup, bu ýerde köpriniň gurluşygy hakyndaky filmler we suratlar görkezilýär. Her gün açylyp-ýapylýan köprüden 40 müňden gowrak adam geçýär. Şäher korporasiýasy tarapyndan 8 tonnadan az agramly awtoulaglara sagatda 32 kilometr tizlik bilen hereket etmek şerti bilen köprüden geçmäge rugsat berilýär.





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# OKUW ESBAPLARY HAÇAN OÝLANYP TAPYLDY?!

**Mähriban çagalar, tomusky dynç alyş möwsümini gyzykly we peýdaly geçiren bolsaňyz gerek. Täze dostlar tutunansyňyz, oba gezelenje gidensiňiz, öý işlerine kömekleşensiňiz, sport bilen meşgullanansyňyz, gyzykly kitaplary okansyňyz, goşgulary hem ýat tutansyňyz. Ine, ýene-de täze okuw möwsümi başlanýar. Mekdep bazarlaryndan okuw lybaslaryny hem-de esbaplaryny satyn alyp, täze okuw ýylyna girişmek we sapaklardan gowy bahalar almak üçin sabyrsyzlyk bilen garaşýan bolsaňyz gerek. Eýsem, siz mekdepde her gün ulanýan okuw esbaplaryňyzyň taryhy we oýlanyp tapylyşy barada bilýärsiňizmi?!**

**GALAM.** Agaç gatlakly galamlaryň döränine 200 ýyldan gowrak wagt geçdi. Taryhy maglumatlara görä, takmynan 1560-njy ýylda italýan neçjarlary (agaç ussasy) Simonio bilen Lindiana Bernakottiniň galamyň ilkinji nusgasyny oýlap tapandyklary çaklanylýar. Olar arça agajynyň içi boş taýajygynyň içine



gara reňk berijini ýerleşdirip, ilkinji galamy ýasaýarlar. Az salymdan has amatly usul – deň ikä kesilen agajyň merkezini dikligine oýup, grafit taýagyny ýerleşdirip, ýarym bölekler ýelmemek arkaly galamyň täze nusgasy oýlanyp tapylýar. Bu usul şu güne çenli hem ulanylýar.

Grafit (uglerod düzümli gara mineral) taýajygy ilkinji gezek 1654-nji ýylda Angliýada oýlanyp tapylýar. Elde berk saklanmagy üçin ilki-ilkiler ýazuw esbabynyň daşyna goýun derisi örtülipdir. 1662-nji ýylda Germaniýanyň Nýurnberg şäherinde grafit külkesinden grafit taýajygynyň gaýtadan işlenip taýýarlanylýan usulynyň oýlanyp tapylmagy bilen, galamyň önümçiligi ösüp başlaýar. 1775-nji ýylda fransiýaly Nikolýa Žak Konte galamyň inçejik taýak, ýagny palçygyň we grafitiň garyndysynyň iki taýajygyň arasynda ýerleşdirilen görnüşini ýasaýar. Ol 1795-nji ýylda galam öndürmäge patent alyp, Parižde «Konte» kärhanasynyň düýbüni tutýar. 1858-nji ýylda Hymen Lipman pozgujy galamyň ujuna dakyp, täze görnüşi oýlap tapýar. Häzirki wagtda galamlaryň grafit, gaty grafit, suwuk grafit, kömürli, uglerodly, reňkli, ýagly we akwarel ýaly birnäçe görnüşi bar. Galam öndürmek üçin amatly agaç gyzyl kedr bolup, ýakymly ysy we ýarylmaýandygy bilen tapawutlanýar. Her ýyl dünýäde 14-15 milliarddan gowrak galam öndürilýär.

**RUÇKA.** Iň köp ulanylýan ýazuw esbaby bolan ruçkanyň ilkinji nusgasy içi syýaly ýelek hasaplanýar. Biziň eýýamymyzdan öňki 700-nji ýyldan, takmynan, 1700-nji ýyllara çenli hat ýazmak üçin içi syýaly ýelekler ulanylypdyr. Senagat önümçiliginiň ösmegi bilen, 1828-nji ýylda metal uçly syýaly galam oýlanyp tapylýar. Uzak wagtlap ulanyp bolýan ýazuw esbabyny edil ýelek ýaly syýa batyryp ulanypdyrlar. 1827-nji ýylda içinde syýa bolan galam oýlanyp tapylýar. Haçanda



galamy kagyza basyp degreniňde içinden syýa akyp başlaýar. Bu şowsuz açyşdan soň 1884-nji ýylda ýumşak basyşly, häzirkilere meňzeş, üç ýerinden syýa akýan ruçka oýlanyp tapylýar. Egin-eşigiňi hapalaýan bu ruçka kämilleşdirilip, 1888-nji ýylda täze çözgüt oýlanyp tapylýar. Şol ýyl ruçkanyň ujuna syýany deň paýlaýan metal şarik oturdylýar. Şeýlelikde, häzirkilere meňzeş ýazuw esbaby döredilýär. 1949-njy ýylda fransuz öndürijisi Marsel Biç ähli kişä elýeterli bolan ilkinji ruçkany ýasaýar we oňa BIK diýip at berýär. Adaty BIK ruçkasy bilen, takmynan, 2 kilometr uzynlykda çyzyk çyzyp ýa-da 45 müň töweregi söz ýazyp bolýar.

**POZGUÇ.** Adamlar irki ýyllarda galamyň yzyny aýyrmak üçin çörek owuntygyny ýa-da agajyň gabygy ýaly dürli zatlary ulanypdyrlar. Ilkinji rezin pozguç 1770-nji ýylda iňlis inženeri Edward Nern tarapyndan oýlanyp tapylýar. Ol kauçukdan rezin ýasap, kagyza sürtmek arkaly galamyň yzyny öçürip bolýandygyny öňe sürýär. 1839-njy ýylda pozgujyň pytramaýan we çüýremeýän täze görnüşi oýlanyp tapylýar. 1858-nji ýylda rezin pozguçlar



galamyň ujuna oturdylyp başlanýar. Häzirki wagtda pozgujyň diňe galamy däl, syýany hem öçürýän, ýagly reňkler bilen çekilen kartinany pozýan, wanil pozguç, elektrik pozguç we aýna süýümli pozguç ýaly dürli görnüşleri öndürilýär.

**KAGYZ WE DEPDER.** Biziň eýýamymyzdan öňki 3000-nji ýyllarda Gadymy Müsürde papirusyň ýüzüne hat ýazypdyrlar. Kagyzyň ilkinji nusgalary Hytaýda Han dinastiýasy döwründe 105-nji ýylda oýlanyp tapylýar. Hytaý kagyzy tut agajynyň gabygyndan we kenepden ýa-



salypdyr. Kagyzyň bambuk agajy bilen berkidilmegi netijesinde depdere meňzeş ýazuw esbaby ýüze çykýar. 1690-njy ýylda Demirgazyk Amerikada ilkinji kagyz fabrigi gurulýar. Häzirkilere meňzeş ilkinji depderiň 1860-njy ýyllarda Fransiýada we Germaniýada peýda bolandygy bellenilýär. Häzirki wagtda depderiň tikilen, pružinli, gaty daşly, okuw sapaklaryna ýa-da bellik etmek üçin niýetlenen, birsydyrgyn, matematika we ýazuw çyzykly dürli görnüşleri öndürilýär.

# Sowuga çydamly miwe

Kryžownik ýa-da Ýewropa kryžownigi diýlip atlandyrylýan smorodina meňzeş miwe Ýewropada, Afrikanyň demirgazyk-günbatarynda we Aziýanyň günorta-günbatarynda ösýär. Ylmy dilde «Grossularia» diýilýän bu miwe ösümlikleriň «ribes» (smorodina) urugyna degişlidir. Miwäniň ady nemes dilindäki «krus» (bükülýän, gyrymsy) we fransuz dilindäki «krusgrossularia» (kiçi smorodina) sözleriniň birleşmeginden emele gelipdir.

Miwe adatça bişmedik wagty ýaşyl, ýetişenden soň bolsa, gyzyl, gyrmyzy, sary we ak reňklidir. Hoşboý ysly bu miwäniň tagamy dürli-dürli bolýar. Ýumurtga şekilli miwäniň sary we gyzyl görnüşi süýjümtik bolup, beýleki görnüşleri turşumtyk tagamlydyr. Kiçijik garpyza meňzeýän miwäniň gabygyndan içindäki ak sapajyklary we çigidi görnüp durýar. Kryžownik köplenç desertlere we miwe içgilerine goşulýar.

Kryžownik boýy 1,5 metre çenli ýetýän gyrymsy agaçda bitýär. Şahalary tikenli bu agajyň jaňjagaz şekilli gülleri we owadan ýapragy bar. Kryžownik ýylyň dowamynda birnäçe gezek hasyl berýär. Gyrymsy agajyň ilkinji hasyly mart aýynda, ikinji hasyly iýun-iýul aýlarynda, soňky hasyly sentýabr-oktýabr aýlarynda ýygnalýar. Sowuga çydamly bu agaç dag eteklerinde 1500 metre çenli belentliklerde ösýär.

Kryžownik XIX asyrda medeni şertlerde ösdürilip ýetişdirilip başlanýar. Miwäni ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan iň esasy ýurt Angliýa bolup, iňlisler dürli keselleri bejermekde kryžownikden peýdalanýarlar. C witamininiň çeşmesi bolan bu miwe aşgazan-içege we ýürek-damar ulgamy üçin örän peýdaly hasaplanýar. Miwäniň esasy bölegi Angliýada, galyberse-de Germaniýada, Fransiýada, Niderlandlarda we Amerikada ösdürilip ýetişdirilýär.



## Iki suratyň arasynda näçe tapawut bar?!



## Gyzykly pursatlar



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!





## 31-nji SKANWORD




## 41-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Rehimli, mährem. **2.** Sesi ýazuwda aňlatmak üçin ulanylýan elipbiý belligi. **3.** Demirgazyk Amerikada ýerleşýän döwlet. **4.** Azyk harytlary. **5.** Gimalaý daglarynyň eteginde ýerleşýän döwlet. **6.** Dermanlyk ösümlik. **9.** Gadymy maýýa we astek siwilizasiýalarynyň watany. **12.** Elektrik togyny geçirýän zynjyr. **15.** Toýlarda, baýramçylyklarda taýýarlanýan çörek önümi. **17.** Belgiler bilen aňladylýan birnäçe matematik ululyk. **18.** Özboluşly ylmy-medeni sebitlere degişli bolan seýrek duş gelýän geň-enaýy zatlar. **21.** Durnukly, hemişelik. **22.** Günbatar Afrikada ýerleşýän kiçi döwlet. **24.** Günbatar Afrikada iň köp ilatly döwlet. **25.** Günorta Amerikada ýerleşýän döwlet. **28.** Ýazuw arkaly beýan etmek. **30.** Palma agajynyň miwesi. **33.** Rysgal, bereket.

● **KESELIGINE:** **7.** Hindistanyň binagärlik ýadygärligi. **8.** Sportuň bir görnüşi. **10.** Günüň daşynda aýlanyp, ondan ýagtylyk we ýylylyk alýan asman jisimi. **11.** «Nowruz geldi bu gije,/Gyzlar atarlar ...» (monjugatdy). **13.** Tropik miwe. **14.** Ummanyň ýüzünde gaýyp ýören äpet buz bölekleri. **16.** Reaktiw hereketlendirijili uçýan enjam. **19.** Gereginden köp, artyk. **20.** Günorta Ýewropada ýerleşýän döwlet. **22.** Bezzat. **23.** Gyz ady. **26.** Amerikanyň sport egin-eşik brendi. **27.** Ýurdumyzda çap edilýän neşirleri biri. **29.** Ýokary göterilip duran, belent. **31.** «Reň ... hoş saýaly,/Seniň ysyň hoşdan, bugdaý» (Mätäji). **32.** Maglumat bazasy. **34.** Janly tebigatyň, organik ýaşaýşyň kanunlary hakyndaky ylym. **35.** Tehnologiýa, tilsim.

30-njy skanwordyň jogaby:



40-njy krosswordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# 17-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 17-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Oýnalan 4 duşuşykda 18 gol hasaba alyndy.**

Sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Altyn Asyr» bilen duşuşyp, 5–2 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji ýarymda 28 minutyň dowamynda Didar Durdyýew het-trik edip, 11-nji, 34-nji we 39-njy minutlarda tapawutlandy. «Arkadag» toparynyň beýleki gollaryny Ahmet Ataýew (60) bilen Şanazar Tirkişow (82) öz atlaryna ýazdyrdylar. Ýer eýesi «Altyn Asyr» toparynyň gollaryny bolsa 33-nji minutda Begenç Myradow bilen 38-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Begmyrat Baýow geçirdi.

«Ahal» topary öz meýdançasynda «Merw» toparyndan 4–0 hasabynda üstün çykdy. «Ahal» toparyna uly hasaply ýeňiş getiren gollary 2-nji ýarymda Süleýman Mirzoýew (54), Magtymberdi Berenow (77) hem-de Bäşim Gurbanberdiýew (85, 90+3) derweze girizdi.

«Şagadam» bilen «Köpetdagyň» arasyndaky oýunda janköýerler 5 goluň şaýady bolup, myhmanlar 2 gezek öňe geçse-de, deňizýaka şäheriniň topary 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Çekeleşikli geçen oýunda «Şagadam» toparynyň gollaryny 45+3-nji minutda Elýas Akyýew, 76-njy minutda Ýagşysähet Döwletgeldiýew hem-de 88-nji minutda Yhlas Magtymow geçirdi. 2 gezek öňe geçen «Köpetdag» toparynyň adyndan 8-nji minutda Arslan Saparow bilen 67-nji minutda Batyr Aşyrow tapawutlandy.

«Nebitçi» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 40-njy minutda Merdan Muhadow «Aşgabat» toparyny öňe geçirse, 49-njy minutda ýer eýelerinden Serdar Tukiýew hasaby deňledi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 17 | 17 | 0 | 0 | 72-10 | 51 |
| 2 | «AHAL» | 17 | 11 | 3 | 3 | 41-8 | 36 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 17 | 11 | 2 | 4 | 34-24 | 35 |
| 4 | «NEBITÇI» | 17 | 5 | 3 | 9 | 12-26 | 18 |
| 5 | «ŞAGADAM» | 17 | 4 | 4 | 9 | 15-25 | 16 |
| 6 | «AŞGABAT» | 17 | 4 | 2 | 11 | 20-36 | 14 |
| 7 | «MERW» | 17 | 4 | 2 | 11 | 17-48 | 14 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 17 | 3 | 2 | 12 | 17-41 | 11 |

# «Ahal» «A» toparçada çykyş eder



Aziýa Futbol Konfederasiýasynyň 3-nji derejeli ýaryşy bolan AFK Çagyryş Ligasynda toparçalaýyn tapgyryň bijeleri çekildi. Ýurdumyzdan «Ahal» toparynyň wekilçilik edýän ýaryşynda 25 klub gatnaşyp, olar 5 toparça paýlanyldy. Her toparça toparlar 3 duşuşyk geçirerler we duşuşyklar merkezleşdirilen görnüşde bir ýurtda oýnalar. Günbatar sebitdäki 3 toparçada («A», «B», «C») 1-nji ýeri eýelänler hem-de 2-nji orunda tamamlan toparlaryň iň gowusy Gündogar sebitdäki toparçalarda («D», E») 1-2-nji orny alanlar bilen çärýek finala çykar. Toparçalardaky duşuşyklar oktýabr aýynda geçiriler.

«Ahal» topary «A» toparçada Liwanyň «Ansar», Siriýanyň «Al-Ittihad Ahli» hem-de Butanyň «Paro» klublary bilen bije çekişdi. Bu toparçadaky duşuşyklar Butanda geçiriler.

**«A» (Butan):** «Ahal» (Türkmenistan), «Ansar» (Liwan), «Al-Ittihad Ahli» (Siriýa), «Paro» (Butan)

**«B» (Täjigistan):** «Ar-Arabi» (Kuweýt), «Nejmeh» (Liwan), «Istiklol» (Täjigistan), «Homs Al-Fidaa» (Siriýa)

**«C» (Kuweýt):** «Goa» (Hindistan), «Al-Kadsiýa» (Kuweýt), «Fortis» (Bangladeş), «Regar-TadAz» (Täjigistan)

**«D» (Indoneziýa):** «Borneo» (Indoneziýa), «Wan Tagag» (Filippinler), «Tainan Siti (Hytaý Taýpeýi), «Ýangon Ýunaýted» (Mýanma)/ «Ezra» (Laos)

**«E» (Mýanma):** «Persib» (Indoneziýa) / «Manila Digger» (Filippinler), «Şan Ýunaýted» (Mýanma), «Han Ýuan» (Hytaý Taýpeýi), «Kasuka» (Bruneý)/ «Karketu Dili» (Gündogar Timor).




| | |
|---|---|
| **28-nji awgust (anna)** | |
| Bawariýa – Ştutgart (23:30) | |
| Milan – Wenesiýa (23:45) | |
| Lill – PSŽ (23:45) | |
| K. Palas – Man. Siti (00:00) | |
| **29-njy awgust (şenbe)** | |
| Liwerpul – N. Forest (16:30) | |
| Tottenham – Nýukasl (21:30) | |
| Borussiýa D – Hamburg (21:30) | |
| Ýuwentus – Parma (23:45) | |
| Sewilýa – Atletiko (00:30) | |
| **30-njy awgust (ýekşenbe)** | |
| Çelsi – Braýton (18:00) | |
| Real Madrid – Malaga (20:00) | |
| M. Ýunaýted – Ipswiç Tawn (20:30) | |
| Napoli – Komo (21:30) | |
| Kaliari – Inter (23:45) | |
| Monako – Marsel (23:45) | |
| **31-nji awgust (duşenbe)** | |
| Leçce – Roma (21:30) | |
| Aston Willa – Arsenal (00:00) | |
| Barselona – R. Wallekano (00:30) | |

## SINSINNATINIŇ ÇEMPIONLARY

ABŞ-nyň Sinsinnati ştatynda geçirilen «Sinsinnati Açyk» tennis ýaryşynda zenanlaryň arasynda Koko Gauff, erkeklerden fransiýaly Artur Fis ýeňiş gazandy. Ýaryş erkekleriň arasynda 125-nji, zenanlaryň arasynda bolsa 98-nji gezek geçirildi. Erkekleriň arasyndaky çempion 1,5 million, zenanlaryň çempiony bolsa 1,085 million dollar pul baýragy bilen sylaglandy.



Amerikaly Koko Gauff 1 sagat 15 minutlap dowam eden finalda watandaşy Jessika Pegulany 6:2 we 6:4 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Bu onuň 2023-nji ýyldan soň Sinsinnatidäki 2-nji, «WTA 1000» ýaryşlaryndaky 4-nji kubogy hökmünde hasaba alyndy. Umumylykda, WTA-nyň ýaryşlaryndaky 12-nji kubogyny gazanan 22 ýaşly Gauff soňky sapar geçen ýylyň oktýabrynda Hytaýda «Uhan Açykda» çempion bolupdy. Ol şonda-da Jessika Peguladan üstün çykypdy. Pegula 2024-nji ýyldan soň 2-nji gezek «Sinsinnati Açygyň» finalynda ýeňlişe sezewar boldy.

● Erkekleriň arasyndaky finalda fransiýaly Artur Fis bilen amerikaly Fransis Tiafo duşuşdy. 1 sagat 28 minutlap dowam eden finalyň 1-nji setinde Fis 6:3 hasabynda ýeňiş gazansa, 2-nji setde Tiafo 6:1 öňe saýlandy. 3-nji setde garşydaşyna hiç hili mümkinçilik bermedik Fis 6:0 hasabynda ýeňip, kubogy eýeledi. 22 ýaşyndaky tennisçi karýerasy boýunça ilkinji gezek «ATP 1000» ýaryşynda çempion bolup, umumylykda 5-nji kubogyny asmana göterdi. 28 ýaşyndaky Fransis Tiafo hem edil Pegula ýaly bu ýaryşyň finalynda 2024-nji ýyldan soň 2-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy.



# Norrisiň yzly-yzyna 2-nji ýeňşi



Formula 1 boýunça bir aýa golaý arakesme tamamlanyp, möwsümiň 12-nji bäsleşigi Niderlandlaryň Zandwoort şäheriniň adybir trassasynda geçirildi. Dürli wakalara baý bolan ýaryşda «McLaren» toparynyň britaniýaly sürüjisi Lando Norris ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan bat alan ýaryşynda 72 aýlawy 2 sagat 4 minut 44,859 sekuntda tamamlap, möwsümdäki bassyr 2-nji, karýerasy boýunça-da 13-nji ýeňşini baýram etdi.

Norrisden 11,536 sekunt yza galan «Mercedes» toparynyň sürüjisi, sanawyň lideri, italiýaly Kimi Antonelli 2-nji, onuň topardaşy, britaniýaly Jorj Rassell 3-nji orny eýeledi. «Ferrari» toparynyň sürüjileri Lýuwis Hamilton bilen Şarl Lekler 4-5-nji orunlara mynasyp boldular.

«Red Bull» toparynyň niderland piloty entek 1-nji aýlaw tamamlanmanka, trassanyň kenaryndaky bordýurlary kakyp, ýaryşdan çykdy. Şol sebäpli-de ýaryş togtadylyp, belli bir wagta çenli howpsuzlyk ulagynyň gözegçiliginde dowam etdi.

Şeýlelikde, geçirilen 12-nji ýaryşdan soň, Antonelli 242 utuk bilen liderligini saklap gelýär. 2-3-nji ýerlerde britan sürüjileri Jorj Rassell bilen Lýuwis Hamilton bolup, olaryň ikisiniň hem 183 utugy bar. Utugyny 159-a ýetiren Lando Norris 4-nji orna beýgeldi. 155 utukly Şarl Lekler 5-nji ýerde barýar.

Möwsümiň 13-nji ýaryşy Italiýa «Gran Prisi» 6-njy sentýabrda Monza şäherçesinDe geçiriler.



# Halkara ýaryşlarda taryhy statistika

Dominikan Respublikasynyň paýtagty Santo Domingo şäherinde geçirilen woleýbol boýunça zenanlaryň arasyndaky NORCECA yklym çempionatynda taryhy rekord hasaba alyndy. Toparçalaýyn tapgyrda Meksika bilen Trinidad Tobago duşuşyp, olaryň birinjisi garşydaşyny 3 setde ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji set 25:4, 2-nji set 25:10, 3-nji set bolsa 25:0 hasaplar bilen tamamlandy. 3-nji setiň 25:0 bolmagy taryhy rekord bolup, halkara woleýbol duşuşyklarynda şeýle statistika ilkinji gezek hasaba alyndy. Şeýle-de, meksikaly woleýbolçy Karen Paola Herrera şol 3-nji setde ähli ilkinji urgyny (podaçi) özi ýerine ýetirip, ol 16 eýs (ilkinji urgudan gönümel gazanylan utuk) almagy başardy. Bu görkeziji hem halkara ýaryşlarda ilkinji gezek bellige alyndy.

Soňlugy bilen, bu ýaryşda Kanadanyň ýygyndysy çempionlyk gazanyp, olar finalda ABŞ-nyň milli toparyny utmagy başardy. Meksikanyň ýygyndysy çempionaty 6-njy orunda tamamlady.

# FIFA argentinaly futbolçylaryň temmilerini mälim etdi

**FIFA Dünýä Kubogynyň finalynda eden etmişleri üçin argentinaly futbolçylara berlen temmileri resmi ýagdaýda mälim etdi.**

19-njy iýulda Nýu Ýorkuň golaýyndaky «MetLife Stadium»-da oýnalan Ispaniýanyň Argentinany 1–0 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlanan Dünýä Kubogynyň finalynyň ahyrynda argentinaly futbolçylaryň eden gödek hereketleri temmisiz goýulmady. Hemmäniň gözüniň öňünde professionalizme gabat gelmeýän hereketleri eden



Leandro Parades, Nauel Molina, Tiago Almada, tälimçilerden Roberto Aýala, şol sanda ispaniýaly Gawi jerimä sezewar boldy. Parades Argentinanyň milli ýygyndysyndan 10 oýun çetleşdirilip, oňa 90 müň dollarlyk pul jerimesi hem salyndy. Ispan futbolçylarynyň biriniň garnyna uran Nauel Molina 7 oýun çetleşdirme hem-de 90 müň dollarlyk pul jerimesi berildi. Tiago Almada 1 oýundan mahrum edilip, 30 müň dollar, kömekçi tälimçi Roberto Aýala 3 oýundan daşlaşdyrylyp, 30 müň dollarlyk pul jerimesi salyndy.

Ispaniýaly Gawi hem 1 oýunlyk we 30 müň dollarlyk pul jerimesine sezewar edildi.

# «Bundesliganyň» 64-nji möwsümi başlanýar

**Şu gün Germaniýanyň çempionaty «Bundesliganyň» täze 64-nji möwsümine badalga berler. Möwsümiň ilkinji duşuşygy çempion «Bawariýa» bilen «Ştutgartyň» arasynda bolar. Täze möwsümde mundan öňki möwsümlerde bolşy ýaly, çempionlygyň birinji derejeli dalaşgäri gürrüňsiz, ýene-de «Bawariýa» toparydyr.**

«Şalke» topary «2. Bundesligada» çempion bolup, 3 ýyllyk arakesmeden soň ýokary liga dolandy. 2-nji ligany 2-nji orunda tamamlan «Elwersberg» topary 119 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek «Bundesligada» çykyş eder. Ol ýurduň günorta-günbataryndaky Spiesen-Elwersberg şäheriniň toparydyr. Pleý-off duşuşygynda «Bundesligany» 16-njy orunda tamamlan «Wolfsburgy» ýeňen «2. Bundesliganyň» üçünjisi «Paderborn» topary 6 ýyldan soň ýene-de Germaniýanyň iň uly ligasyna gaýdyp geldi. «Wolfsburg» bolsa 27 ýyldan soň aşaky liga düşdi.




«Bundesligadaky» 18 klubuň 8-siniň tälimçisi ýerli hünärmenler bolup, 10 kluba başga ýurduň wekiller tälim berýär. Germaniýanyň goňşusy Awstriýa 4 tälimçi bilen «Bundesligada» öňdeligi eýeleýär.

● **BAWARIÝA.** Münhen şäheriniň wekili ýene-de çempionlygyň iň esasy dalaşgäri hasaplanýar. Ýagny, «Bawariýa» çempion bolmadyk ýagdaýynda bu hemmeler üçin garaşylmadyk uly waka bolar. Wensan Kompaniniň tälimçiliginde 3-nji möwsümini geçirjek klubuň iň esasy ýyldyzy Harri Keýnden ýene-de 50–60 gola garaşylýar.



Ismael Saibari we Nataniel Brawn ýaly iki sany ýaş ýyldyzy transfer eden klubdan



Gerreýro bilen Goreska gitdi. Toparyň janköýerleri «Bundesliganyň» çempionlygynyň üstüne Çempionlar Ligasynyň çempionlygyna hem garaşýar. Olise, Musiala, Kimmih, Luis Diaz, Keýn dagy toparyň iň esasy bil baglanylýan futbolçylary diýlip görkezilýär.

**BORUSSIÝA DORTMUND.** «Bawariýa» üçin möwsüm şowsuz geçen ýagdaýynda, çempionlygyň ikinji güýçli dalaşgäri Dortmundyň «Borussiýa» topary hasaplanýar. Niko Kowaçyň tälim berýän kluby Brandt, Özjan, Süle, adeýemi ýaly oýunçylaryny ugradyp, olaryň öwezine Žoan Gadu, gresiýaly Karetsasy, Konstanteliasy, niderland Topar Joui Wermany aldy. Şlotterberk, Job Bellingam, Nmeça, Sabitser ýaly oýunçylara bil baglaýar.

● **BEÝLEKILER.** «Leipsig», «Ştutgart», «Baýer» klublary-da öňdäki orunlara ymtylýan beýleki toparlar hasaplanýar.

**35 ÇEMPIONLYGY BAR**



● Germaniýanyň çempionaty «Bundesliga» 1963-nji ýylda esaslandyrylýar. Ondan öň dürli atlar bilen käbir döwürlerde uly arakesme berlip geçirilen çempionat 1903-nji ýylda başlanýar. Iň köp çempionlyk gazanan topar «Bawariýa» bolup, münhenlileriň 35 çempionlygy bar. Şolaryň 34-si «Bundesliga» degişli bolup, ondan öňem olar 1932-nji ýylda ýeňiş gazanypdy. Soňky gezek 1968-nji ýylda çempion bolan «Nürnberg» topary 9 birinjilik bilen 2-nji orny eýeleýär. 8 gezek çempion bolan «Borussiýa Dortmund» 3-nji ýerde barýar. «Şalkeniň» 7, «Hamburgyň» 6, nemes futbolynyň taryhyndaky ilkinji çempion «Ştutgartyň», şol sanda «Borussiýa M» toparynyň 5, «Werder» bilen «Kaiserslauterniň» 4 çempionlygy bar. «Köln», «Lokomotiw Leipsig», «Groýter Fürt» 3, «Herta» , «Wiktoriýa Berlin», «Drezdner», «Hannower» 2, mundan 2 ýyl ozal taryhy çempionlyk gazanan «Baýer», «Karlsrue FW», «1860 Münih», «SpWg Blau-Weiss 90 Berlin», «Karlsrue», «Fortuna Düsseldorf», «Aýntraht», «Wolfsburg», «Fraýburger», «Manhaým», «Rot-Weiss Essen» toparlary-da 1 gezek çempionaty iň ýokarky orunda tamamlaýar. 1941-nji ýylda häzirki wagtda Awstriýanyň topary bolan «Rapid Wien» kluby-da Germaniýanyň çempionatynda çempionlyk gazanýar.



2013-2023-nji ýyllar aralygynda «Bawariýa» topary yzly-yzyna 11 gezek çempion bolup, taryhy başarnyk görkezýär. Soňky 2 möwsümde-de altyn medaly eýelän «Bawariýanyň» çempionlyklaryna 2024-nji ýylda «Baýer» arakesme berýär.

Umumylykda, Germaniýada 13 klub «Bundesligada» çempionlyk gazanýar. 64 ýyllyk taryhy bolan «Bundesligada» çempionlyklaryň 34-si «Bawariýa» degişli bolup, galan 30 çempionlygy 12 klub özara paýlaşýar. Ozalky ýyllary hasaba alanyňda bolsa, jemi 30 klub azyndan 1 gezek Germaniýanyň çempiony bolmagy başarýar.

«Bundesliganyň» ähli möwsüminde çykyş eden ýeke topar hem bolman, «Bawariýa» ilkinji möwsüme gatnaşmaýar. «Bawariýa» bilen «Werder» 62 möwsüm çykyş edip, birinjiligi paýlaşýarlar. «Borussiýa Dortmund», «Ştutgart» 60, «Borussiýa M» 59, «Aýntraht» 58 möwsüm «Bundesligada» çykyş edýär. «Bundesligada» şu wagta çenli 58 klub çykyş edip, «Elwersberg» topary 59-njy klub diýlip bellige alyndy.

**IŇ KÖP DUŞUŞYK HEM-DE IŇ KÖP GOL GEÇIREN FUTBOLÇYLAR**

● «Bundesligada» iň köp duşuşyk geçiren futbolçy Çarli Körbel bolup, ol «Aýntraht» topary bilen 602 oýunda meýdança çykdy. Manfred Kaltsyň 581, derwezeçi Oliwer Kanyň 557 duşuşygy bar. Häzirki wagtda hem çykyş edýän Manuel Noýer 545 oýun bilen 6-njy orny eýeleýär. Onuň möwsümiň ahyrynda 3-nji orna çenli beýgelmegine garaşylýar.

«Bundesligada» iň köp gol salan futbolçy Gerd Müllerdir. Meşhur futbolçy 427 duşuşykda 365 gol geçirýär. Polşaly Robert Lewandowski 312 gol bilen 2-nji ýerde barýar. Klaus Fişer (268), Ýupp Haýnkes (220) hem-de Manfred Burgsmüller (213) dagy ilkinji 5-ligi jemleýär.

# 12-nji Super Kubogyny gazandy

Germaniýanyň Super Kubogy duşuşygynda çempion «Bawariýa» bilen wise-çempion «Borussiýa Dortmund» toparlary duşuşdy. Dortmunddaky «Signal Iduna Park» stadionynda 81 müň 365 janköýeriň şaýatlygynda geçen oýunda münhenliler 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň 28-nji minutynda Nataniel Brawn hasaby açdy. 45+1-nji minutda bolsa Maýkl Olise hasaby 2–0-a ýetirdi. Oýnuň 75-nji minutynda Fabio Silwanyň geçiren goly dortmundlylara ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Şunlukda, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Bawariýa» topary bassyr 2-nji, umumylykda-da 12-nji gezek Frans Bekkenbaueriň adyny göterýän Germaniýanyň Super Kubogyny eýelemegi başardy.

«Borussiýa Dortmund» topary 7-nji gezek Super Kubogy duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy. «Bawariýa» hem 7 gezek ýeňlipdi. «Borussiýa Dortmund» 6 gezek kubogy eýeläp, «Bawariýadan» soň 2-nji ýerde barýar.




Germaniýanyň Super Kubogy duşuşygy ilkinji gezek 1987-nji ýylda oýnalýar. 1997-2009-njy ýyllar aralygynda oýnalmadyk duşuşyk 2010-njy ýyldan başlap täzeden ýola goýulýar.

| KLUBLAR | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|
| Augsburg (Augsburg) | WWK Arena — 30 660 | Manuel Baum |
| Union Berlin (Berlin) | Stadion An der Alten Försterei — 22 012 | Mauro Lustrinelli (Şweýsariýa) |
| Werder (Bremen) | Weserstadion — 42 100 | Daniel Tioune |
| Borussiýa D (Dortmund) | Signal Iduna Park — 81 365 | Niko Kowaç (Horwatiýa) |
| Elwersberg (Spisen-Elwersberg) | Waldstadion an der Kaiserlinde — 10 000 | Winsent Wagner |
| Aýntraht (Frankfurt) | Deutsche Bank Park — 59 500 | Adi Hütter (Awstriýa) |
| Fraýburg (Fraýburg-im-Braýsgau) | Europa-Park Stadion — 34 700 | Hulian Şuster |
| Hamburg (Hamburg) | Volksparkstadion — 57 000 | Merlin Polzin |
| Hooffenhaým (Sinshaým) | PreZero Arena — 30 150 | Kristian Ilzer (Awstriýa) |
| Köln (Köln) | RheinEnergieStadion — 49 698 | Rene Wagner |
| Leipsig (Leipsig) | Red Bull Arena — 47 800 | Martin Demişelis (Argentina) |
| Baýer (Lewerkuzen) | BayArena — 30 210 | Karles Martines Nowell (Ispaniýa) |
| Maýns (Maýns) | MEWA Arena — 33 305 | Urs Fişher (Awstriýa) |
| Borussiýa (Mönhengladbah) | Borussia-Park — 54 057 | Oýgen Polanski (Polşa) |
| Bawariýa M (Münhen) | Allianz Arena — 75 000 | Wensan Kompani (Belgiýa) |
| Paderborn (Paderborn) | Home Deluxe Arena — 15 000 | Ralf Kettemann |
| Şalke 04 (Gelsenkirhen) | Veltins-Arena — 62 271 | Miron Musliç (Awstriýa) |
| Ştutgart (Ştutgart) | MHPArena — 60 058 | Sebastian Hoeness |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# 16 ÝURTDAN 36 TOPAR

UEFA Çempionlar Ligasynyň 35-nji, umumylykda-da bu ýaryşyň 72-nji möwsüminiň final tapgyryna gatnaşjak 36 klubuň ählisi hem belli boldy. Gatnaşýan 36 klub jemi 16 ýurda wekilçilik edýär. Liga formatynda geçiriljek 3-nji möwsümde Angliýadyr Ispaniýadan 5, Italiýadan, Germaniýadan 4, Fransiýadan 3, Niderlandlardan, Portugaliýadan, Türkiýeden, Norwegiýadan 2, Gresiýadan, Çehiýadan, Slowakiýadan, Azerbaýjandan, Awstriýadan, Belgiýadan hem-de Ukrainadan 1 klub Çempionlar Ligasynyň täze möwsüminde çykyş eder.

«Fenerbahçeniň» gatnaşmagy bilen Türkiýeden 19 ýyldan soň 6-njy gezek 2 topar bilelikde ýaryşa goşuldy. Norwegiýadan hem soňky gezek 1999/2000 möwsüminde 2 topar çykyş edipdi.

4 klub – Italiýadan «Komo», Norwegiýadan «Wiking», Azerbaýjandan «Sabah» hem-de Awstriýadan LASK toparlary ilkinji gezek Çempionlar Ligasynda çykyş ederler. Şeýlelikde, 1992/93 möwsüminde Çempionlar Ligasy adyny alan bu ýaryşa şu wagta çenli gatnaşan klublaryň sany 34 ýurtdan 162-ä ýetdi.

Madrid, Mançester hem-de Stambul şäherlerinden 2 klub Çempionlar Ligasynyň şu möwsüminde çykyş ederler.

Ispaniýanyň «Real Madrid» hem-de «Barselona» topary 31-nji gezek gatnaşyp, olar bu ugurda rekordy paýlaşýarlar. «Real Madrid» yzly-yzyna 30-njy gezek wekilçilik edip, bu statistika boýunça bäsdeşlerinden ep-esli öňde barýar. «Bawariýa» 19-sy yzly-yzyna 30-njy gezek Çempionlar Ligasynda çykyş etse, «Porto» 2 ýyllyk arakesmeden soň 28-nji sapar yklymyň iň uly klub ýaryşynda oýnar. «Mançester Ýunaýted» 26-njy, «Arsenal» 23-nji, «Borussiýa Dortmund» 21-nji, «Inter», PSW 20-nji, soňky 2 ýylyň çempiony PSŽ, «Galatasaraý», «Şahtýor Donesk» 19-njy, «Liwerpul» 18-nji, «Atletiko» 14-si yzly-yzyna 17-nji gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşar. «Mançester Siti» bolsa bassyr 16-njy gezek Çempionlar Ligasynda çykyş eder.

UEFA Çempionlar Ligasynda liga tapgyrynyň duşuşyklary 8-10-njy sentýabrda, 13-14-nji, 20-21-nji oktýabrda, 3-4-nji, 24-25-nji noýabrda, 8-9-njy dekabrda hem-de geljek ýylyň 19-20-nji we 27-nji ýanwarynda geçiriler. 8 oýnuň netijesinde öňdäki 8 orny eýelän toparlar gönümel 1/8 finala çyksa, 9–16-njy orny eýelänler bilen 17–24-nji orunda tamamlanlar geljek ýylyň fewral aýynda goşmaça pleý-off duşuşyklaryny geçirerler. 2 oýunda ýeňiş gazananlar 1/8 finala atlaryny ýazdyrarlar. 1/8 finalyň oýunlary martda, çärýek final aprelde, ýarym final aprelde we maýda oýnalar. Final duşuşygy bolsa geljek ýylyň 5-nji iýunynda Madriddäki «Metropolitano» stadionynda («Atletikonyň» stadiony) geçiriler.



| 1-nji TORBA | 2-nji TORBA | 3-nji TORBA | 4-nji TORBA |
|---|---|---|---|
| PSŽ (Fransiýa) | Borussiýa Dortmund (Germaniýa) | Feýenoord (Niderlandlar) | Slawiýa Praga (Çehiýa) |
| Bawariýa (Germaniýa) | Roma (Italiýa) | Lill (Fransiýa) | Slowan Bratislawa (Slowakiýa) |
| Real Madrid (Ispaniýa) | Sporting (Portugaliýa) | Bude-Glimt (Norwegiýa) | Ştutgart (Germaniýa) |
| Liwerpul (Angliýa) | Aston Willa (Angliýa) | Napoli (Italiýa) | AEK Afiny (Gresiýa) |
| Inter (Italiýa) | Porto (Portugaliýa) | Leipsig (Germaniýa) | LASK (Awstriýa) |
| Mançester Siti (Angliýa) | Mançester Ýunaýted (Angliýa) | Wilýarreal (Ispaniýa) | Komo (Italiýa) |
| Arsenal (Angliýa) | Klub Brýugge (Belgiýa) | Fenerbahçe (Türkiýe) | Lans (Fransiýa) |
| Barselona (Ispaniýa) | Betis (Ispaniýa) | Şahtýor Donesk (Ukraina) | Wiking (Norwegiýa) |
| Atletiko Madrid (Ispaniýa) | PSW (Niderlandlar) | Galatasaraý (Türkiýe) | Sabah (Azerbaýjan) |

# Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary

### Azerbaýjanyň çempionynyň taryhy ýeňşi

UEFA Çempionlar Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň 3 jogap duşuşygy geçirildi. Azerbaýjanyň çempiony «Sabah» topary öz meýdançasynda Ysraýylyň «Hapoel Be'er Şewa» toparyny



goşmaça wagtda 5–2 hasabynda ýeňmegi başardy. Geçen möwsümde Azerbaýjanyň çempionatynda ilkinji çempionlygyny baýram eden «Sabah» myhmançylykda 2–1 hasabynda ýeňlipdi. Jogap duşuşygynda myhmanlar 2 gezek öňe saýlansada, ýer eýeleri ruhdan düşmän 90-njy minutdan soň gol geçirip, ýaryşda galmagy başardy. Duşuşygyň 10-njy minutynda Zlatanowiç myhmanlary öňe saýlasa, Nwaçukwu 38-nji minutda hasaby deňledi. 61-nji minutda Mizrahiniň goly bilen «Hapoel» 2-nji gezek öňe geçdi. 74-nji minutda Rahmonaliýew ýer eýeleriniň 2-nji goluny geçirse, Mutallimow 90+4-nji minutda 2 oýnuň netijesi boýunça hasaby deňledi. Goşmaça wagtda-da 1 oýunçysy gyzyl kart alan «Hapoeliň» derwezesinden 4–5-nji gollary Mbina (101) bilen Mikels (115) geçirdi. Şunlukda, 2017-nji ýylda Azerbaýjanyň Masazyr şäherinde «Sabah» topary taryhynda ilkinji gezek Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna gatnaşar. Ol Çempionlar Ligasyna gatnaşan 2-nji Azerbaýjan kluby bolup, ondan öň «Garabag» 2 gezek wekilçilik edipdi (2017/18, 2025/26).

«Sabah» topary 1-nji saýlama tapgyrynda Uelsiň «Nýu Seýnts», 2-nji tapgyrda Finlýandiýanyň «KuPS», 3-nji tapgyrda Daniýanyň AGF («Orhus»), pleý-off tapgyrynda-da Ysraýylyň «Hapoel Be'er Şewa» toparyndan üstün çykdy. «Sabah» topary şol tapgyrda-da faworit görkezilmändi.

«Sabah» UEFA Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna gatnaşýan 160-njy klub hökmünde hasaba alyndy.

### 26 ýyldan soň Norwegiýadan 2 topar

Geçen möwsümde taryhynda 9-njy gezek Norwegiýanyň çempiony bolan «Wiking» topary Çempionlar Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşygynda Zagrebde «Dinamo» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnapdy. Öz meýdançasynda bolsa garşydaşyny 3–1 hasabynda ýeňip, taryhy başarnyk görkezdi. Duşuşykda horwatlar 10-njy minutda Hodžanyň goly bilen öňe hem geçdi. Ýöne wikingler dessine, has takygy, 18-nji minutda Tripiçiň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda hasaby deňlemegi başardy. 2-nji ýarymyň başynda ýer eýeleri 2 minutda 2 gol geçirip, şol hasaby soňuna çenli saklamagyň hötdesinden geldi. Austbýu (48) bilen Moi (50) «Wiking» toparyna ýeňiş getiren oýunçylar boldy. Şeýlelikde, «Wi-



king» topary 3–1 hasabynda üstün çykyp, taryhynda ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy.

1-nji oýunda myhmançylykda 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary öz meýdançasynda Niderlandlaryň «NEK Niýmegen» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. 1-nji ýarymyň ahyrynda, 45-nji minutdan soň 2 gol geçiren «Bude-Glimtiň» pökgülerini Býorkan (45+2), Oklend (45+6) hem-de Fonwill (73 ö.d.) derwezä gönükdirdi. Norwegiýanyň wekili geçen möwsüm hem gatnaşyp, 1/8 finala çykypdy. «Bude-Glimtden» öň Norwegiýadan ýeke topar hem 17 ýyllap Çempionlar Ligasyna gatnaşmandy. Norwegiýadan soňky gezek 1999/2000 möwsüminde 2 klub çykyş edipdi.

### Öz meýdançasynda 3 gol geçiripdi, myhmançylykda 5 gol geçirtdi

Mundan bir hepde ozal, «Seltik» öz meýdançasynda Awstriýanyň çempiony LASK toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykyp, final tapgyrynyň bosagasyndan ilkinji ädimini ädipdi. Ýöne jogap oýny olar üçin juda şowsuz geçdi.



Şotlandlar MakGregoryň 21-nji minutdaky goly bilen öňe geçen hem bolsa, netijede olar 5 gol geçirdip, ýaryşdan çykdy. Awstriýanyň çempionyna ýeňiş getiren gollary Usor (32), Lýubiçiç (48), Adeniran (58, 109) hem-de Fleker geçirdi. Şeýlelikde, LASK taryhynda ilkinji gezek Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna gatnaşar. «Seltik» geçen möwsümde-de pleý-off tapgyrynda «Kairatdan» asgyn gelipdi.

### «Fenerbahçeniň» 17 ýyllyk arakesmesi tamamlandy

UEFA Çempionlar Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň jogap oýunlarynda «Fenerbahçe» topary myhmançylykda «Liony» 2–1 hasabynda ýeňdi. Türk toparynyň gollarynyň ikisi hem 1-nji



ýarymda hasaba alnyp, olary 4 minutyň dowamynda Wedat Muriki (24) bilen Arçi Brawn (28) öz atlaryna ýazdyrdylar. «Liondan» Malik Fofananyň 61-nji minutda geçiren goly ýeňşe ýetmedi. Stambulda oýnalan 1-nji oýun deňlikde tamamlanypdy. Şunlukda, «Fenerbahçe» topary 17 ýyldan soň 7-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna gatnaşar. 6 möwsümden bäri Çempionlar Ligasyna gatnaşyp bilmeýän «Lion» Ýewropa Ligasyna wekilçilik eder.

* * *

Sloweniýa bilen Slowakiýanyň çempionlarynyň, ýagny «Selýe» bilen «Slowan Bratislawanyň» arasyndaky jogap oýnunda myhmanlar goşmaça wagtda 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji oýunda ýeňiş gazanan bolmandy. Jogap duşuşygynyň 18-nji minutynda Şporar hasaby açyp, slowakiýalylary öňe saýlady. Oýnuň 34-nji minutynda ispaniýaly eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran «Selýe» toparynyň oýunçysy Seşlar hasaby deňledi. Duşuşygyň esasy wagty deňlikde tamamlanyp, goşmaça wagtda, has takygy, oýnuň 100-nji minutynda bratislawalylar Kristian Martinesiň goly bilen öňe geçdi. Netijede, duşuşyk 2–1 hasabynda Ýaýa Tureniň tälimçiligindäki «Slowanyň» ýeňşi bilen tamamlandy. «Slowan Bratislawa» 1 ýyllyk arakesmeden soň Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna 2-nji gezek gatnaşar.

* * *

Gresiýanyň çempiony «AEK Afiny» topary öz meýdançasynda Bolgariýanyň çempiony «Lewski Sofiýany» 4–0 hasabynda utdy. Afinylylara ýeňiş getiren gollary 7-nji minutda Luka Ýowiç, 12-nji we 29-njy minutlarda Barnabas Warga hem-de 55-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Razwan Marin geçirdi. Şunlukda, AEK topary 7 ýyllyk arakesmeden soň 6-njy gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşar. «AEK Afiny» soňky gezek 2018/19 möwsüminde çykyş edipdi. «Lewski Sofiýa» 20 ýyldan soň 2-nji gezek gatnaşmak mümkinçiligini elden giderdi. Bolgariýadan 9 ýyl bäri ýeke topar hem Çempionlar Ligasyna gatnaşyp bilenok.

# TRANSFER TÄZELIKLERI



Täze möwsüme şowsuz başlan «Tottenham» topary «Mançester Sitiniň» ýarymgoragçysy Sawiniony transfer etdi. Londonlylar 22 ýaşyndaky winger üçin «Mançester Siti» toparyna 87,7+11,7 million ýewro berer. Şertnamanyň möhleti bolsa 5 ýyl diýlip kesgitlendi. Sawinio 2024-nji ýylyň tomsunda «Troýadan» «Mançester Siti» toparyna geçipdi. Ol şäherlileriň düzüminde 84 oýunda 7 gol geçirip, 13 asist etdi. Braziliýaly oýunçy «Atletiko Mineiroda» futbola başlap, ol «Troýa» transfer bolanyndan soň «Ýong PSW», PSW, «Žirona» toparlarynda kärendesine hem oýnady.



Türkiýäniň «Trabzonspor» topary braziliýaly ýarymgoragçy Fabiniony erkin agent ýagdaýda transfer etdi. Türk kluby 32 ýaşyndaky oýunçy bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Fabinio 3 möwsümden bäri Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad» toparynda çykyş edip gelýärdi. Ýurdunyň «Fluminense» toparynda futbol ýoluna başlan Fabinio «Real Madridiň» ýaşlar toparynda oýnanyndan soň 2013-nji ýylda «Monako», 2018-nji ýylda-da «Liwerpula» transfer boldy. Ol häzirki topardaşy Mohamed Salah bilen iňlis klubunda 5 möwsüm bile çykyş etdi. Fabinio şu wagta çenli klublarda 623 duşuşyk geçirip, şolarda 51 goly derwezä girizdi.



Londonyň «Arsenal» topary düzümine güýçli goragçylaryň birini goşdy. Topçular «Aston Willanyň» iňlis goragçysy Ezri Konsany 51+4 million funt sterlinge transfer etdi. 28 ýaşyndaky merkezi goragçy uzak möhletli şertnama baglaşdy. Konsa «Çarlton Atletikde» futbola başlap, «Brentford» toparynda 1 möwsüm geçireninden soň, 2019-njy ýylda «Aston Willanyň» düzümine goşuldy. Ol «Aston Willada» 286 oýunda 12 gol geçirdi. Konsanyň Angliýanyň milli ýygyndysynda-da 28 oýunda 2 goly bar.



Türkiýäniň çempiony «Galatasaraý» topary Russiýanyň «Lokomotiw» toparyndan Alekseý Batrakowy düzümine goşdy. Türk topary 21 ýaşyndaky russiýaly hüjümçi üçin moskwalylara 25 million ýewro berer. Bu görkeziji «Lokomotiw» topary üçin rekorda deňdir. «Galatasaraý» Batrakow bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Batrakow «Lokomotiwiň» esasy düzüminde 2024-nji ýylyň martyndan bäri çykyş edip gelýärdi. «Lokomotiwde» 2 möwsümden gowrak oýnan Batrakow 84 duşuşykda 34 gol geçirdi.



«Tottenham» toparynyň argentinaly goragçysy Kristian Romero karýerasyny Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» toparynda dowam eder. Ispan topary 28 ýaşyndaky merkezi goragçyny 40 million ýewro transfer edip, onuň bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Karýerasyna ýurdunyň «Belgrano» toparynda başlan Romero «Serie A»-nyň «Jenoa», «Atalanta» toparlarynda oýnap, 2021-nji ýylda «Tottenhama» transfer boldy. Iňlis klubunda 5 möwsümde 156 oýunda meýdança çykan Romero 13 gezek tapawutlandy. Romero Argentinanyň ýygyndysynda-da 58 duşuşyk geçirdi.



Angliýanyň «Mançester Siti» topary Fransiýanyň «Lill» klubunyň marokkoly ýarymgoragçysy Aýýub Buaddini transfer etdi. Iňlis kluby 18 ýaşyndaky oýunçynyň transferi üçin fransuz toparyna 100 million ýewro tölär. «Mançester Siti» topary Buaddi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Buaddi «Lill» toparynda 3 möwsüm oýnap, 96 duşuşykda meýdança çykdy. Ol Marokkonyň ýygyndysy bilen Dünýä Kubogyna hem gatnaşypdy. Buaddi angliýaly futbolçylar Elliot Anderson hem-de Jäk Grilişden soň «Mançester Sitiniň» taryhynda häzirlikçe iň gymmat 3-nji transfer hökmünde hasaba alyndy.



Italiýanyň «Inter» topary soňky 1 aýyň dowamynda angliýaly 3-nji futbolçyny hem düzümine goşdy. Milan şäheriniň wekili Angliýanyň «Liwerpul» toparynyň ýarymgoragçysy Kurtis Jonsy 30+5 million ýewro transfer etdi. 25 ýaşyndaky oýunçy «Inter» bilen 5 ýyla niýetlenen şertnama baglaşdy. 2018-nji ýylda «Liwerpulda» futbola başlan Jons 8 möwsüm bu toparda çykyş etdi. Ol 228 duşuşykda meýdança çykyp, 22 goly derwezä girizdi. «Inter» topary Jonsdan öň angliýaly goragçylar Jon Stounz bilen Džed Spensi transfer edipdi.



«Premier Liganyň» «Mançester Ýunaýted» topary «Braýtonyň» kamerunly ýarymgoragçysy Karlos Balebany 76 million ýewro transfer etdi. Mankunianlar 22 ýaşyndaky futbolçy bilen 5 ýyla niýetlenen geleşige gol çekişdi. Baleba täze toparynda 20-nji belgili köýnekçäni geýer. Ol Fransiýanyň «Lill» toparynda futbola başlap, 2023-nji ýylyň tomsunda «Braýtona» 30 million ýewro transfer bolupdy. Iňlis klubunda 3 möwsüm oýnan Baleba 112 duşuşykda 4 gol geçirdi.

S/B: 101211007542

dana* bilim merkezi

Güýzki tapgyra Ýazylyşyk başlady!

OKUWLAR 7-nji SENTÝABRDA BAŞLAÝAR





Biz öwrenýäris. Biz özgerýäris.

«Dana» bilim merkezi ulular we çagalar üçin dil kurslaryny, halkara synaglara taýýarlyk we hünär ýokarlandyryş kurslaryny hödürleýär.

Biziň salgymyz we telefon belgilerimiz:

Aşgabat
Görogly köçesi, 77-nji jaý, 4-nji gat («Altyn Asyr» harytşynaslyk merkezi)
(+993 12) 92-77-17 (+993 12) 92-77-27

Gökdepe
Berkararlyk köçesi, 1-nji jaý (Medeniýet öýüniň arkasy)
(+993 63) 83-76-51

Büzmeýin
Gündogar köçesi (Çagalar medeni-dynç alyş seýilgähi)
(+993 71) 28-77-51 (+993 71) 28-77-52

Änew
Ahal köçesi, 29-njy jaý, 2-nji gat («Ak gaýa» binasy)
(+993 63) 83-78-54 (+993 137) 50-0-22

Sarahs
Tejen köçesi, 11-nji söwda dükany
(+993 63) 83-76-98 (+993 62) 84-49-75

Ak bugdaý (Ýaşlyk)
Bereket obasy, Türkmenbaşy köçesi, 255-nji jaý («Aýdyň hyzmat» söwda merkezi)
(+993 63) 83-78-34

Mary
Murgap ýoly, 8-nji «A» jaý («Galkynyş» bazarynyň ýany)
(+993 522) 15-5-65 (+993 63) 55-63-44

Türkmenabat
Görogly beg Türkmen köçesi, 10-njy jaý («Aýna» söwda merkezi)
(+993 422) 41-0-70 (+993 64) 47-71-46

Azatlyk köçesi, 2/1 «S»
(+993 422) 46-5-51 (+993 713) 47-1-31

Bitarap Türkmenistan köçesi, 177-nji jaý, B. G binasy («Genjime Miras» söwda toplumy)
(+993 422) 46-5-51 (+993 71) 34-71-31

Türkmenbaşy
Magtymguly şaýoly, 50-nji jaý
(+993 62) 84-83-82 (+993 63) 84-83-82

Gyzylarbat
Türkmenbaşy köçesi, 17-nji jaý («Mukam» toý mekanynyň ýany)
(+993 246) 52-0-12 (+993 65) 08-24-44

Daşoguz (Şabat)
Türkmenbaşy şaýoly, 1-nji «M» jaý
(+993 61) 41-11-51

Köneürgenç
Al-Horezmi köçesi, 3-nji jaý
(+993 347) 47-3-80 (+993 71) 28-77-53

www.dana.edu.tm